TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZDA BILIM ULGAMYNY DÜNÝÄ ÖLÇEGLERINE, UMUMY YKRAR EDILEN HALKARA KADALARA WE ÖŇDEBARYJY TEJRIBELERE LAÝYK KÄMILLEŞDIRMEK, ÝAŞ NESILLERIMIZI MILLI HEM-DE UMUMADAMZAT GYMMATLYKLARYNYŇ ESASYNDA TERBIÝELEMEK, OLARA DÖWREBAP BILIM BERMEK BIZIŇ ALYP BARÝAN BILIM SYÝASATYMYZYŇ BAŞ MAKSADYDYR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

19-njy iýul, 2024. Belgisi 29/1595




# BMG-niň ÝÖRITELEŞDIRILEN DÜZÜMLERI BILEN HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

**17-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili hanym Jalpa Ratnany kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.**

ÝUNISEF-iň wekili wagt tapyp kabul edendigi hem-de ýola goýlan netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine hemmetaraplaýyn goldaw berýändigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallygyny beýan edip, soňky ýyllarda ençeme bilelikdäki möhüm taslamalaryň hem-de maksatnamalaryň durmuşa geçirilendigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Jalpa Ratnany gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, ilki bilen, ony BMG-niň Çagalar gaznasynyň wekilhanasynyň ýolbaşçysy wezipesine bellenilmegi bilen gutlap, jogapkärli wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Nygtalyşy ýaly, abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen işjeň hyzmatdaşlygy ösdürmek Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bilen ÝUNISEF-iň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli we ýokary netijeli häsiýete eýedigi aýratyn bellenildi. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz 2024 – 2026-njy ýyllar döwri üçin BMG-niň Çagalar gaznasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna biragyzdan saýlanyldy. Bu bolsa ÝUNISEF bilen uzak möhletli hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýediginiň güwäsidir.

Häzirki wagtda hyzmatdaşlygymyz 2021 – 2025-nji ýyllar üçin degişli Maksatnamanyň çäklerinde alnyp barylýar. Şu ýyl ýurdumyzyň ministrlikleri we pudak edaralary bilen ýyllyk iş meýilnamalarynyň 10-syna gol çekildi. Bu resminamalar, hususan-da, çagalaryň saglygyny goramak, olaryň iýmitlenmegi, irki ösüşi, durmuş goraglylygy we inklýuziw bilim almagy babatda hyzmatdaşlygy öz içine alýar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Söhbetdeşligiň dowamynda Türkmenistanda çagalary goramagyň hukuk binýadynyň hem yzygiderli kämilleşdirilýändigi kanagatlanma bilen nygtaldy. Çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2023 – 2028-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasy tassyklanyldy. Söhbetdeşler bilelikdäki işiň häzirki ýagdaýyny we geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak bilen, çagalara immunizasiýa etmek üçin sanjym serişdeleridir enjamlary satyn almak babatda ýakyn hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň möhümdigini aýratyn nygtadylar.

Çagalar hakynda alada, sagdyn we giň dünýägaraýyşly ýaş nesli kemala getirmek biziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatymyzyň baş maksatlarynyň biridir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň aýratyn ähmiýetini belledi. Çagalara we ýetginjeklere hossarlyk etmegiň, olary aýratyn üns-alada bilen gurşap almagyň ähmiýeti örän uludyr. Gazna döredilenden bäri saglygy goraýyş merkezlerinde howandarlyga mätäç näsag çagalara köp sanly operasiýalar geçirildi. Mundan başga-da, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň hassahanalaryna gaznanyň adyndan «Tiz kömek» awtoulaglary, döwrebap lukmançylyk enjamlary yzygiderli berilýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň BMG-niň Çagalar gaznasy bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini tassyklap, ÝUNISEF-iň täze wekili hanym Jalpa Ratna berk jan saglyk we işinde üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

Şeýle hem şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Nurlan Nogaýewi kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşmalaryň dowamynda hormatly Prezidentimiz hem-de ilçi Türkmenistan bilen Gazagystanyň medeni, taryhy gymmatlyklarynyň umumylygyna esaslanyp, hyzmatdaşlygyň berk binýadyny kemala getirendiklerini, onuň häzirki wagtda döwletara hyzmatdaşlygyň nusgasy bolup durýandygyny kanagatlanma bilen bellediler. Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara düzümleriň, GDA-nyň giňişliginde iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň oňyn häsiýetine aýratyn üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, sebit mehanizmleriniň, hususan-da, Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň we «Merkezi Aziýa+» hyzmatdaşlyk formatynyň çäklerinde tagallalaryň üstünlikli utgaşdyrylýandygy aýdyldy.

# DALAŞGÄRLERIŇ RESMINAMALARY KABUL EDILÝÄR

**15-nji iýulda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde dalaşgärlerden resminamalary kabul etmek möwsümi başlandy.**





12-nji iýulda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça okuwa kabul etmegiň, şeýle-de orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň meýilnamalary tassyklanyldy. Okuwa kabul etmegi 2024-nji ýylyň 15-nji iýuly – 26-njy awgusty aralygynda guramak, okuwa kabul etmek boýunça giriş synaglaryny ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýerleşýän ýerinde geçirmek bellenildi. Bu möhüm möwsümiň talabalaýyk geçirilmegini üpjün etmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyz 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça döwlet toparynyň düzümini tassyklamak hakynda Buýruga hem gol çekdi. Resminama laýyklykda, Döwlet toparyna 2024-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmäge guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek we onuň bellenen tertipde geçirilmegini guramak tabşyryldy. Welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri Türkmenistanyň ýokary, orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça iş toparlarynyň talabalaýyk işlemegi üçin zerur şertleri döretmäge borçly edildi.

Dalaşgärlerden resminamalary kabul etmek möwsüminiň eýýäm ilkinji gününden başlap işjeň häsiýete eýe bolandygyny bellemek gerek. Bu bolsa türkmen ýaşlarynyň täze bilimleri, hünär ussatlygyny ele almaga, ýurdumyzyň intellektual we ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga goşant goşmaga çalyşýandyklaryny tassyklaýar. Bu möwsümiň öňüsyrasynda ýaşlaryň, mekdep uçurymlarynyň arasynda köpçülikleýin wagyz-düşündiriş işleriniň geçirilendigini, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine, olarda geçirilen «Açyk gapylar» günlerine bagyşlanan ýörite telegepleşikleriň görkezilendigini, makalalaryň çap edilendigini bellemek gerek.

2024-nji ýylda Türkmenistanda jemi 15926 (şol sanda hünärmen we bakalawr maksatnamalary boýunça – 15303, magistr maksatnamasy boýunça – 623) dalaşgäri talyplyga kabul etmek meýilleşdirilip, ol geçen ýyldakydan 303 (hünärmen we bakalawr maksatnamasy boýunça 104, magistr maksatnamasy boýunça 199) adam köpdür. Bellenilişi ýaly, munuň özi ýurtda üstünlikli durmuşa geçirilýän bilim özgertmeleriniň netijesinde ýaşlar üçin giň mümkinçilikleriň döredilýändiginiň ýene bir aýdyň güwäsidir.

Türkmenistanda täze okuw ýylyndan başlap, ýurdumyzyň barha ösýän ykdysady kuwwatyny, dürli ugurlar boýunça hünärmen zerurlygyny nazara alyp, birnäçe ýokary okuw mekdeplerinde täze hünär ugurlary açyldy. 2


4 Dünýäniň ilaty iň ýokary derejä ýeter

Geljek 60 ýylda dünýä ilatynyň köpelmegi dowam edip, 2080-nji ýyllaryň ortalarynda 10,3 milliarda ýetmegine garaşylýar. Bu barada BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamenti habar berdi.

5 Iň köp gepleşilýän diller

Dünýäde, takmynan, 7 müňden gowrak dil bolup, diller grammatik gurluşy we ulanylyş gerimi taýdan tapawutlanýarlar. Käbir dil halkara dil hökmünde ykrar edilen bolsa, käbiri diňe belli bir sebitde ulanylýar.

6 81-nji Wenesiýa film festiwalynyň eminler topary mälim edildi

7 Ýewropada Ispaniýa, Günorta Amerikada Argentina çempion – ikisi-de rekord goýdy

8 Mbappe üçin 80 müň janköýer ýygnandy

Ispaniýanyň «Real Madrid» topary fransiýaly ýyldyz oýunçy Kilian Mbappe bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Şol mynasybetli geçirilen dabara 80 müň janköýer gatnaşdy.


# DAÝHAN YHLASLY – TOPRAK BEREKETLI

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daýhanlaryň öndürijilikli zähmet çekmegi, toprakdan bol hasyl almagy üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Türkmenistanda durmuşa geçirilýän giň gerimli oba hojalyk özgertmeleriniň esasy maksady daýhanlaryň yhlasy bilen bol hasyl eçilýän türkmen topragynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmakdan, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekden we pudagy has-da ösdürmekden ybaratdyr.**





Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmäge uly üns berilýär, oba ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin ähli zerur işler durmuşa geçirilýär. Daýhanyň ýerden bol hasyl alyp, bereket tapmagy üçin amatly şertler döredilýär. Şu ýyl bugdaýyň we pagtanyň döwlet satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy. Daýhanlar kuwwatly tehnikalar, ýokary hilli tohumlar, dökünler bilen üpjün edilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň 24-nji iýunda paýtagtymyz boýunça amala aşyran iş saparynyň çäklerinde Aşgabat şäheriniň eteginde ýerleşýän «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşiginiň Ruhabat galla önümleri önümçilik toplumynda iş maslahatyny geçirmegi hem bu pudagy ösdürmek ugrunda döwlet tarapyndan edilýän aladalaryň aýdyň güwäsine öwrüldi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň, döwletimiziň has uly bähbitlerini nazarlaýan çözgütleri netijesinde geçen ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň düzüminde birbada üç sany ylym edarasy, ýagny Ylmy-barlag pagtaçylyk, Ylmy-barlag ekerançylyk we Ylmy-barlag däneçilik institutlarynyň döredilmegi özgerişlikleriň has düýplüdigine, gadymy we baý daýhançylyk tejribeleriniň ylmyň täze gazananlary bilen jebis utgaşdyryljakdygyna şaýatlyk edýär. 3

# DALAŞGÄRLERIŇ RESMINAMALARY KABUL EDILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hususan-da, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde magistr maksatnamasy boýunça oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy, zootehniýa; Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda hünärmen maksatnamasy boýunça pedagogika bilimi (hytaý dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty), pedagogika bilimi (pars dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty), bakalawr maksatnamasy boýunça ýöriteleşdirilen bilim (defektologiýa); Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda hünärmen maksatnamasy boýunça metrologiýa, standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak, seýsmologiýa we seýsmika durnukly gurluşyk; Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda bakalawr maksatnamasy boýunça halkara söwda; Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynda bakalawr maksatnamasy boýunça uçuş apparatlarynyň we hereketlendirijileriň tehniki ulanylyşy, howa gämileriniň awiasiýa we radioelektron enjamlarynyň tehniki ulanylyşy; Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda magistr maksatnamasy boýunça halkara arbitraž we işewürlik hukugy; Türkmen döwlet medeniýet institutynda bolsa magistr maksatnamasy boýunça medeniýeti öwreniş ugurlary (hünärleri) açyldy. Umuman alanyňda, geljek okuw ýylyndan başlap, agzalan ýokary okuw mekdeplerinde 13 sany täze ugur boýunça ýokary hünärli işgärler taýýarlanmaga başlanar.



Hormatly Prezidentimiziň okuw mekdeplerinde berilýän bilimiň hilini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda edýän taýsyz tagallasy bagtyýar ýaşlaryň ylym-bilime bolan hyjuwyny has artdyrýar. Munuň şeýledigine talyp bolmagy ýüreginde besläp, şu günler resminamalaryny tabşyrýan dalaşgärleri synlanyňda hem göz ýetirmek bolýar. Häzirki wagtda ýaşlaryň ylymlar dünýäsine gadam basmagy, olaryň talyp bolmak bagtyna eýe bolmagy babatynda döwletimizde uly işler alnyp barylýar.

Orta mekdebi tamamlan uçurymyň esasy maksady hünär saýlamak, döwrebap bilim-terbiýe almak, saýlan hünäriniň eýesi bolmak bolup durýar. Her bir ýaş nesliň kalbynda beslän ilkinji arzuwlarynyň biri hem ýokary okuw mekdebinde okuwyny dowam etdirip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň bagtly talyby bolmakdyr. Talyp bolmagy arzuwlaýan dalaşgärleriň ählisine uly üstünlikleri arzuw edýäris.

## Elektroulag satuwy ýokarlandy



**Bazar barlaglaryny amala aşyrýan «Rho Motion» kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, dünýäde elektroulaga bolan isleg ýokarlanýar. Geçen aý dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän hem-de zarýad berip bolýan gibrid ulaglaryň satuwy 13 göterim ýokarlanypdyr. Munda Hytaý bazarynyň täsiri uly bolupdyr. Şeýle-de bolsa, Ýewropada satuw pese gaçypdyr. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Çarles Lester elektroulaglaryň ýaýrawynyň artmagy hem-de BYD kompaniýasynyň satuwynyň ýokary bolmagy netijesinde Hytaý elektroulaglarynyň has köp satylandygyny mälim etdi. Iýun aýynda dünýäde jemi 1,4 million elektroulag satylypdyr. Bu görkezijiniň 60 göterimi, ýagny 860 müňi Hytaý bazarynda ýerlenipdir.**

**Ýewropada bolsa elektroulag satuwy 7 göterim azalyp, 300 müň bolupdyr. ABŞ-da we Kanadada 6 göterim ösüş gazanylyp, 140 müň elektroulag satylypdyr. Ýylyň dowamynda dünýäde 16,6 million elektroulag satylmagyna garaşylýar.**

## Ösüş çaklamasyny mälim etdi



**Halkara pul gaznasy dünýä ykdysadyýeti barada täze çaklama taýýarlady. Gazna şu ýyl global ykdysadyýetiň 3,2 göterim boljakdygyny mälim etdi. Geljek ýylda bolsa dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýeti ortaça 3,3 göterim bolar. Gazna mundan ozal aprel aýynda bu görkezijiniň 3,2 göterim bolmagyna garaşylýandygyny mälim edipdi. Çaklamada geçen ýyl az ösüş hasaba alnan ýewro sebitiniň başlajakdygy bellenildi. Aziýanyň ösüp barýan ykdysadyýetleri global ösüşe itergi bermegini dowam etdirer. Hindistandaky we Hytaýdaky ösüşiň hem ozalky çak edilişinden has ýokary boljakdygy aýdyldy. Emma geljek 5 ýylda ösüp barýan uly Aziýa ýurtlarynda ösüşiň azaljakdygy bellenilýär. Hytaýda 2024-nji ýyldaky ösüşiň 5 göterim, geljek ýyl 4,5 göterim, 2029-njy ýylda 3,3 göterim bolmagyna garaşylýar. Hindistanda bolsa üstümizdäki ýylda 7 göterim ösüş hasaba alnar.**

## Kompýuter satuwy artdy



**Şu ýylyň ikinji çärýeginde kompýuter satuwynyň 3 göterim artandygy mälim edildi. Munda emeli aň tehnologiýasyna bolan gyzyklanmanyň täsiriniň bardygy bellenildi. «International Data Corporation» (IDC) maslahat beriş kompaniýasynyň hasabatyna görä, ýylyň ikinji çärýeginde personal kompýuterleriň satuwy 64,9 milliona ýetipdir. Kompýuter satuwy geçen iki ýylda pese gaçandan soňra, şu ýylyň başynda gaýtadan artyp başlapdyr. Degişli döwürde iň köp ösüşi 20,8 göterim bilen «Apple» kompaniýasy hasaba alypdyr. Bu ugurda ikinji orundaky «Acer»-iň satuwy 13,7 göterim ýokarlanypdyr. «Lenovo Group» hem-de «HP Inc» kompaniýalarynyň satuwy degişlilikde 3,7 we 1,8 göterim köpelipdir. «Dell Technologies» kompaniýasynyň kompýuter satuwy bolsa 2,4 göterim azalypdyr.**

**Bilermenler soňky alty aýda kompýuter satuwynyň artmagynda emeli aň tehnologiýasynyň täsiriniň uludygyny belleýärler.**

## Tölegli girişden 2,2 million ýewro gazanyldy

Şu ýylyň aprel aýyndan başlap Italiýanyň Wenesiýa şäheri günin girjek myhmanlar üçin tölegli edilipdi. Şu aýyň ortasynda synag maksady bilen ýola goýlan bu düzgüniň möhleti tamamlandy. Düzgüne görä, hepdäniň köp adamly belli günlerinde şäherdäki myhmanhanalarda ýatymlyk galmajak syýahatçylardan 5 ýewro töleg alynýar. Şäheriň ýerli häkimiýeti häzire çenli bu düzgün arkaly jemi 2,2 million ýewro pul ýygnalandygyny mälim etdi. Şähere giriş 25-nji aprelden 14-nji iýul aralygynda jemi 29 gün, 8:30-dan 16:00 aralygynda tölegli edildi. Töleg etmek örän aňsat bolup, munuň üçin ýörite mobil goşundysy döredildi. Maglumatlara görä, bu wagtyň dowamynda 440 müň adam tölegli günlerde şähere giripdir. 14 ýaşdan kiçiler, şäheriň ýaşaýjylary ýa-da ol ýerde işleýänler we okaýanlar, gezelenç üçin topar bolup şähere barýan okuwçylar, myhmanhanada ýaşaýanlar tölegden boşadyldy. Maglumatlara görä, tölegli giriş döwründe şähere barýanlaryň sany azalmandyr.



Tölegli girişiň geljek ýyldan başlap hemişelik edilmegi meýilleşdirilýär. 1950-nji ýylda şäheriň ilaty 175 müň töweregi bolan bolsa, 2022-nji ýylda 50 müňden aşak düşüpdi. Şähere her ýylda 30 million töweregi myhman barýar. Geçen ýyllarda şähere barýan uly ýolagçy gämileriň girmegi çäklendirilipdi.

**Arzygül ORAZMYRADOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Arkadag şäher kitaphanasynyň «Okyjylara hyzmat etmek» bölümçesiniň kitaphanaçysy.*

## Aýyň ýüzünde gowagyň bardygy anyklandy



Astronomlar ilkinji gezek Aýyň ýüzünde gowagyň bardygyny anykladylar. Çuňlugy 100 metre barabar bolan bu oýugyň Aýda hemişelik ýaşamaga niýetlenen desganyň gurluşygy üçin has amatly şertleri döretjekdigi bellenilýär. Astronomlar şeýle oýuklaryň başga-da ýüzlerçesiniň bolmagynyň mümkindigini çaklaýarlar. Aýda hemişelik ýaşamaga niýetlenen desga gurmak üçin radiasiýadan aşa yssy ýa-da sowuk howadan goranmaly bolar. Kosmosa çykan ilkinji iňlis kosmonawty Helen Şarman geljek 20-30 ýylda Aýda bu oýuklarda ýaşamak üçin desga gurup biljekdiklerini aýdýar. Ýeriň hemrasyndaky äpet çukury Italiýanyň Trento uniwersitetiniň ylmy işgäri Lorenzo Bruzzone we Leonardo Karrer tapypdyr. Bu çukuryň Asudalyk deňzi (Mare Tranquillitatis) atly düzlükde ýerleşýändigi mälim edildi. Asudalyk deňzi atly düzlük göz bilen seredilende Aýyň ýüzünde tegmil ýaly bolup görünýär. Çukuryň düýbüniň has giň bolmagynyň mümkindigi bellenilýär. Ony has ýakyndan öwrenmek üçin robotlardan we kameralardan peýdalanyp bolar. Astronomlar 50 ýyl çemesi ozal Aýyň ýüzünde çukurlaryň bolup biljekdigini anyklapdylar.

**Resulberdi NURBERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Goşa galaktika tapyldy

Jeýms Webb adyndaky kosmos teleskopy arkaly 326 million ýagtylyk ýyly uzaklykda gök reňkli ýyldyzlardan we gaz bulutlaryndan emele gelen iki galaktika anyklandy. Bu galaktikalar bir-birleriniň içine girip duran ýagdaýynda surata düşürildi. NASA-nyň astronomlary bu iki galaktikanyň on millionlarça ýyldan bäri bir-birine «ýapyşyp» durandygyny belleýärler. Astronomlaryň bellemeklerine görä, bu galaktikalar milliardlarça ýyldan soňra birleşip, bitewi galaktika öwrüler. NASA şeýle ýagdaýyň 4 milliard ýylyň dowamynda Akmaýanyň ýoly galaktikasy bilen Andromeda galaktikalarynyň arasynda hem bolup geçjekdigini belledi.



Jeýms Webb teleskopy 2021-nji ýylyň ahyrynda Habbl kosmos teleskopynyň ornuny tutmak üçin uçurylypdy. Kosmosyň çuňluklarynda has dury suratlary almaga mümkinçilik berýän ýokary tehnologiýanyň önümi bolan bu teleskop ABŞ-nyň awiakosmos agentligi (NASA) bilen bir hatarda Ýewropa Kosmos agentligi hem-de Kanada Kosmos agentligi bilelikde işläp taýýarlady.

**Gurbanmämmet Amanow,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Magtymguly etrap birleşmesiniň başlygy.*

## Işçisiz işleýän zawod

«Xiaomi» kompaniýasy işçä zerurlyk duýmaýan dünýädäki ilkinji zawody taryşdyrdy. Jemi 11 sany önümçilik konweýeri bolan zawodda her üç sekuntda bir smartfon öndürip bolar. Kompaniýanyň esaslandyryjysy Leý Jun bu barada jemgyýetçilik torunda habar berdi. Önümçilik desgasy dolulygyna awtomatlaşdyrylan bolup, bu ýerde robotlar hem işleýär. «Akylly» ulgam näsazlyk ýüze çykan ýagdaýynda ony bejerip bilýär. Meýdany 81 müň inedördül metre barabar bolan zawody gurmak üçin 330 million dollar sarp edilipdir. Bu ýerde her üç sekuntda bir sany «MIX Fold 4» hem-de «MIX Flip» smartfony öndürilýär.



## Gün şöhlesiniň ýiti täsirinden goranyň!

Tomus paslynda howanyň derejesiniň aşa ýokarlanmagy netijesinde Günüň şöhlesi ýitileşýär. Şonuň üçin hem jöwzaly tomus günlerinde Günüň aşagynda gözegçiliksiz oýnaýan çagalarda ýa-da açyk meýdanda işleýän adamlarda Gün urma bolýar.

Gün urma daşarda uzak wagtlap Gün şöhlesiniň aşagynda başgapsyz ýa-da saýawansyz gezilse bolup bilýär. Günüň ýiti şöhlesi adamyň kellesine we derisine düşüp, beýniniň gyzmagyna getirýär. Gün urmada kellagyry, ysgynsyzlyk, bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagy, ýürek urşunyň çaltlanmagy, demgysma, beden agyrylary, göz göreijniň ulalmagy, gaýtarmak ýaly alamatlar bolýar. Günüň şöhlesiniň aşagynda uzak wagt gezilse, merkezi nerw ulgamyna zeper ýetýär, demgysma peýda bolýar, adamyň ýüz keşbiniň reňki üýtgäp, kähalatlarda adamyň huşuny ýitirmegi ýaly hadysalar ýüze çykýar. Şeýle alamatlar bolanda haýal etmän ilkinji kömek bermeli we Tiz kömegi çagyrmaly.



Gün uran adamy ilkinji nobatda tiz wagtyň içinde kölegä ýa-da salkyn otaga geçirmeli, kellesini beýigräk ýassykda goýup, aýaklaryny az-kem ýokary bolar ýaly edip ýatyrmaly. Daşky egin-eşiklerini açyşdyryp, gowy dem almagyna kömek bermeli. Bedeni gysyp duran kemer ýa-da sintetik eşik bar bolsa aýyrmaly. Ejir çeken adama sowuk suw içirmeli. Ýüzüni sowuk suw bilen ýuwmaly, kellesine, goltugynyň aşagyna, döşüne sowuk suwa ezilen esgi goýmaly. Ýürek damjasyndan korwalol içirmeli, naşatyr spirtini ysgatmaly.

Tomus paslynda geýilýän eşikler açyk reňkli, rahat, nah matadan tikilen bolmaly. Günden goraýjy äýnekleri dakynmaly. Irden 06:00-dan 09:00-a çenli, agşam 18:00-dan 21:00-a çenli daşarda gezmek maslahat berilýär. Günüň dowamynda 2,5-3 litre golaý suwuklyk, mi we şiresini, miwe gaýnatmalaryny, çaý, arassa agyz suwuny ýa-da limon garylan suw içmek maslahat berilýär. Şeýle-de, kadaly we sagdyn iýmitlenmeli. Iýilýän naharlar siňňitli bolmaly, beden üçin gerek bolan witaminlere, makro we mikroelementlere baý bolan gök we bakja önümlerini köpräk iýmeli. Nahary edil iýilmeziniň öňüsyrasynda taýýarlamaly. Galan naharlary köp wagtlap sowadyjyda saklamaly däl ýa-da ertire goýulmagyna ýol bermeli däl. Öýden çykylanda, çagalar özleriniň gowy görýän gurnaklaryna we gezelenje gidenlerinde öz ýanlary bilen arassa agyz suwuny almalydyrlar.

Tomus paslynyň häzirki yssy günlerinde Gün urmadan, Gün şöhlesiniň ýiti täsirinden goranmak özümize baglydyr. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek – saglygyň girewidir.

**Sona ILMUHAMMEDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 4-nji Saglyk öýüniň şepagat uýasy.*

## 8 asyrlyk däp: guwlar sanalýar

Angliýada 1186-njy ýyldan bäri dowam edýän däbe görä, her ýyl guwlar sanalýar. 838-nji gezek geçirilýän bu çärede guwlaryň jüýjeleri bilen bir hatarda eýeleri hem hasaba alynýar. Bu çäre her ýylyň iýul aýynyň üçünji hepdesinde, jüýjeleriň entek uçup başlamadyk wagtynda Temza derýasynyň 127 kilometrlik böleginde geçirilýär. Ilkinji gezek 1186-njy ýylda derýada ýaşaýan guwlar hususy eýeçilikden Patyşanyň hasabyna geçirilende bu guşlar sanalypdyr. Bu döwürde guwlar maşgala bolup ýaşaýandygy üçin sanamak aňsat bolýar. Bu jandarlar 5 günüň dowamynda sanalýar. Guwlar hasaba alnanda olaryň jüýjeleriniň sagatlygyna seredilýär, ululygy we agramy ölçenýär. Hasaba alnan guwlaryň aýagyna bellik goýulýar.



Irki döwürde barjamly adamlar guw saklapdyr. Olaryň çüňklerine kime degişlidigini görkezýän bellik goýlupdyr. Agramy 10 kilogrammа barabar bolan bu guşlar iýmit hökmünde saçaklary bezäpdir. Guwlaryň nesliniň dowam etmegi üçin olar her ýyl derýa goýberilipdir.

Kanuna görä derýanyň kenaryndaky ähli guwlar Patyşanyň emlägine degişli bolsa-da, umumy uzynlygy 346 kilometre ýetýän Temza derýasynyň diňe 130 kilometrlik bölegindäki guşlaryň hasaby çykarylýar. Patyşanyň ygtyýar bermegi bilen XV asyrdan bäri guwlary «Dyers» we «Vintners» kompaniýalary saklaýar. Derýanyň degişli bölegindäki ozal bellik goýulmadyk guwlar Patyşanyňky diýlip hasaplanýar we bellik edilmezden suwa goýberilýär. Guwlaryň diňe naryňç reňkli çüňki bolan görnüşi sanalýar. Guwlaryň sanalýan çäresine mekdep okuwçylary hem gatnaşyp, olara bu jandarlar barada maglumat berilýär. Häzirki wagtda bu guşlar goralyp saklanýar.

## Gatnaw pudagyny ösdürer

**Ýewropa Bileleşigi durnukly we «akylly» ulag infrastrukturasyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen taýýarlanan taslamalara 7 milliard ýewro goldaw berer. Ýewropa Komissiýasy daşky gurşaw bilen bagly maksatnamasy durmuşa geçirmek üçin jemi 134 ulag taslamasyny maliýeleşdirer. Olaryň arasynda demir ýol şahalary, içerki derýa ýollary, awto ýollary we deňiz portlary bar. Şeýle hem howa menzilleri we multimodal logistika taslamalary hem durmuşa geçiriler. Mundan başga-da, bileleşige agza bolmadyk goňşy ýurtlaryň logistika taslamalaryna goldaw berler. Bu taslamalaryň köpüsi sebitiň serhetüsti ýollaryny gowulandyrylmagy bilen baglydyr.**



ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 19-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114401
Belgisi: 29/1595
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# DAÝHAN YHLASLY – TOPRAK BEREKETLI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şeýlelikde, ýurdumyzda Ylmy-barlag däneçilik institutynyň, Ylmy-barlag ekerançylyk institutynyň, Ylmy-barlag pagtaçylyk institutynyň işi ýola goýuldy. Bu bolsa tohumçylyk-seçgi işlerini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, oba hojalyk ekinleriniň ýerli toprak-howa şertlerine laýyk gelýän görnüşlerini taýýarlamak, oba hojalygyny toplumlaýyn ösdürmek, önümçiligi döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak işlerine goşant goşýan ýurdumyzyň alymlaryny has-da ruhlandyrdy.

Edermen gallaçylarymyz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň galla möwsümini üstünlikli jemlemek bilen, Watan öňündäki şertnamalaýyn borçnamalaryny





üstünlikli berjaý edip, Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak guşgursak bugdaý tabşyryp, ýurdumyzda azyk bolçulygynyň berkemegine mynasyp goşant goşdular.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen «Däneçilik hakynda», «Pagtaçylyk hakynda», «Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda», «Ýerleriň meliorasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary hem-de bu ugra degişli birnäçe kanunçylyk resminamalary kabul edildi. Şeýlelikde, ata Watanymyzda oba hojalyk önümleriniň we azygyň öndürilişiniň möçberlerini artdyrmak, ilaty ekologiýa taýdan arassa azyk önümleri bilen doly üpjün etmek, azyk bolçulygyny döretmek, gaýtadan işleýän senagatyň çig mal bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak we oba ýerlerinde ýerleşýän ilatly ýerleri durnukly ösdürmek boýunça döwlet durmuş-ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmegiň hukuk binýady döredildi.

Hormatly Prezidentimiz ýurt başyna geçen ilkinji günlerinden başlap, döwletimizde bereketli ýerden bol hasyl almak, ekerançylyk ýerlerini netijeli peýdalanmak, ekinleri hem-de topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak bilen bagly işlere giň gerim berildi.

Däneçilik we pagtaçylyk bilen bir hatarda maldarçylyk, guşçulyk, gök ekerançylyk, bagçylyk, üzümçilik, bakjaçylyk hem-de bu pudagyň beýleki ugurlary sazlaşykly ösdürildi. Obasenagat toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalanmagyna ägirt uly möçberde maliýe serişdeleri goýberildi. Iň öňdebaryjy önüm öndürüji ýurtlaryň kuwwatly tehnikalary yzygiderli satyn alnyp, önümçilige ornaşdyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk toplumyny özgertmek boýunça alyp barýan syýasaty ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmaga, düşewüntliligi artdyrmaga, bäsdeşlige ukyply önümleri dünýä bazarlaryna çykarmaga gönükdirilendir. Şu maksat bilen ýurdumyzyň ähli sebitlerinde döwrebap ýyladyşhanalar, sowadyjy ammarlar, maldarçylyk toplumlary, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalar gurlup ulanylmaga berilýär, oba hojalyk pudagy toplumlaýyn sanlylaşdyrylýar. Uzakmöhletleýin geljegi nazarlaýan obasenagat toplumynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilen tagallalar «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» we «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» hem öz beýanyny tapýar. Onda oba hojalyk pudagyny ösdürmäge gönükdirilen anyk wezipeler kesgitlenip, olar yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Eziz Diýarymyzda oba hojalyk toplumyny ösdürmegiň maksatnamasynda önümçilige ylmyň we sanly tehnologiýalaryň gazananlaryny ornaşdyrmak, gaýtadan işleýän hem-de pudagy mineral dökünler bilen üpjün edýän himiýa senagatynyň täze önümçilik kärhanalaryny döretmek göz öňünde tutulýar. Munuň özi oba hojalyk toplumynyň jemi içerki önüme goşandyny, ýurdumyzyň eksport kuwwatyny artdyrmaga mümkinçilik berer. Döwrebap suw tygşytlaýjy tehnologiýalary, ylmyň soňky gazananlaryny önümçilige

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

ornaşdyrmak arkaly suw serişdelerini rejeli ulanmak oba hojalyk toplumynda amala aşyrylýan giň gerimli meýilnamalaryň aýrylmaz bölegini düzýär.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek we eksport edilýän harytlaryň önümçiligini ýokarlandyrmak boýunça döwlet maksatnamalarynyň kabul edilmegi milli ykdysadyýetimiziň azyk senagatyny ösdürmegiň, halkymyzyň ýokary hilli azyk önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmagyň ýolunda möhüm ädim boldy. Oba hojalyk pudagynyň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek maksadyndan ugur alnyp, anyk çäreler durmuşa geçirilýär. Däneçilik we pagtaçylyk bilen bir hatarda, ýurdumyzda maldarçylyk, guşçulyk, ýüpekçilik, bakjaçylyk, miweçilik, üzümçilik we oba hojalyk işewürliginiň beýleki ugurlary işjeň ösdürilýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynyň ekerançylary şalynyň, Mary welaýatynyň ekerançylary bolsa gant şugundyrynyň bol hasylyny ýetişdirýärler. Iri şahly mallaryň, dowarlaryň, düýeleriň, guşlaryň baş sany artýar. Türkmen daýhanlary banan, zeýtun, malina, pisse ýaly önümleriň täze görnüşleriniň önümçiligini özleşdirýärler.

Goý, ata Watanymyzda azyk bolçulygyny döredýän, ýurdumyzy ösen senagat ýurduna öwürýän, halkymyzyň has-da eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda uly işleri alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Tawus ESENMÄMMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Aşgabat şäherindäki agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# «ARKADAG» ÝYLDYZY – GELJEGIŇ ÇELGISI

Ümmülmez älem giňişliginde millionlarça saýýaralaryň, ýyldyzlaryň Günüň daşynda hereket edýändigini hemmämiz bilýäris. Berkarar döwletimiziň öňe sürýän taglymatlary hem dünýäde parahatçylygy, ählumumy ösüşi berkitmek babatda umumadamzat bähbitlerinden ugur alýar. Şol sebäpli hem Gahryman Arkadagymyzyň öňe sürýän başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenmä, uly goldawa eýe bolýar. Häzirki wagtda dünýäniň daşary diplomatiýasynda «Ösüş arkaly parahatçylyk» diýen adalga öwrülen jümlä ýygy-ýygydan duş gelmek bolýar. Her gezek hem bu belent ykrary täsin tolgunma, beýik buýsanç bilen kabul edýäris. Çünki bu taglymatyň hem türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň pähimparasadyndan, öňdengörüjilikli başlangyçlaryndan binýat bolandygyny bütin dünýä ykrar edýär.

Asman jisimlerini öwrenýän «Kosmos-Ýer» jemgyýetiniň alymlarynyň Arkadag şäheriniň açylmagynyň bir ýyllygy mynasybetli hem-de bu şähere bolan buýsanjyň we guwanjyň nyşany hökmünde asman giňişligindäki ýyldyzlaryň birine «Arkadag» diýip at goýandyklary barada hoş habar her bir türkmenistanlyny ganatlandyrdy. «Arkadag» ýyldyzyna degişli güwänamanyň, teleskopyň we düşürilen suratlaryň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine gowşurylmagy «Pegas» ýyldyzlar toparyna degişli ýyldyz baradaky maglumatlar bilen ilaty, aýratyn hem ýaş nesli giňden tanyşdyrmagyň ähmiýetlidir. Beýleki ugurlar bilen bir hatarda, fizika-matematika, tehniki ylymlar, astronomiýa boýunça ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanylýan bu uniwersitetde asman jisimlerine gözegçilik etmek, olary öwrenmek babatda hem zerur mümkinçilikler bar. Ýokary okuw mekdebinde astronomiýa hünärini öwrenýän talyplar halypa mugallymlardan alan nazary bilimlerini uniwersitetiň degişli binalarynda bar bolan teleskoplardan peýdalanmak, şeýle-de Döwletmämmet Azady adyndaky Arkadag şäher kitaphanasynyň obserwatoriýasynda geçirilýän gözegçilikler arkaly tejribede berkidýärler.

Gysga wagtyň içinde Arkadag atly şeýle ajaýyp şäheriň gurlup, onuň adynyň hut Pegas ýyldyzlar toplumyndaky ýyldyza dakylmagy ýöne ýerden däl. Maglumatlara görä, Pegas grekleriň ynanjynda «ganatly at» diýmegi aňladýar. Wepalylygy, görkezen gahrymançylygy we bitiren hyzmatlary üçin «ganatly atyň» hormatyna asman ýyldyzlarynyň bir toplumyna Pegas diýilip at goýýarlar.




Türkmen üçin bedew ata atlanmak – bagt düşünjesi bilen manydaş. Ajaýyp ahalteke bedewleriniň kemala gelen topragynda gurlan Arkadag şäheri bolsa bu gün dana Pyragynyň arzuwlarynyň hasyl bolmagynyň – türkmeniň bagt atynyň Arşa galmagynyň nyşanyna öwrüldi. Pegas atynyň toýnagyny uran ýerinden çogup çykan çeşmeden şahyrlaryň ylham alşy ýaly, Arkadag şäheri hem

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

bu gün döredijilik adamlarynyň ylhamgähine öwrüldi.

Asman giňişligindäki «Arkadag» ýyldyzy barada geljekde köp gürrüňler ediler, eserler dörediler. Pegasyň kosmosdaky beýleki toplumlaryňka garanyňda has ýygjam ýerleşen ýyldyzlarynyň birnäçesini garaňky gijelerde hiç hili enjamsyz synlap bolýandygyny astronomlar belleýärler. Sebäbi Pegasyň üç sany iri ýyldyzy Andromeda bilen birleşip, aýdyň saýgardýan dörtburçlugy emele getirýär. Täze ýyldyz asman jisimleriniň arasynda saýlanyp duran şol dörtburçlugyň içinde ýerleşýär. Demirgazyk ýyldyzynyň taryhda kerwenlere ýol salgy berip gelşi ýaly, geljekde «Arkadag» ýyldyzy hem Garaşsyz Watanymyzyň ösüşli menzillerine ýagtylyk nuruny saçar.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başynda duran beýik işleri mundan beýläk hem edil «Arkadag» ýyldyzy ýaly röwşen günlerimize nuruny çaýsyn! Halkymyzy Gün kimin çoýýan, ýollarymyzy ýyldyz bolup ýagtyldýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, belent başy aman, tutumly işleri rowaç bolsun!

**Akmaral ÝAGMUROWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

# AÝDYM-SAZ SUNGATYNYŇ BELENT DEREJESI

Her bir güni şanly senelere, toý-baýramlara beslenýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň abraý-mertebesi has-da belende galýar. Türkmen halky medeniýetini, sungatyny sarpalap, milliligine buýsanyp, olaryň şanyna uly toý-baýram edýän bagtly halklaryň biridir. Her ýyl uly dabara bilen bellenilýän bu baýram – Medeniýet hepdeligi «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Arkadag şäherinde uly ruhubelentlige beslenip, medeniýetimiziň täze taryhy döwründäki beýik galkynyşyny şöhlelendirdi.



Halkymyzyň döreden gymmatlyklarynyň içinde aýdym-saz sungaty aýratyn orun eýeleýär. Bu barada söhbet edeniňde, Gahryman Arkadagymyzyň «Ile döwlet geler bolsa...», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly ajaýyp kitaplary bada-bat göz öňüňe gelýär. Sebäbi kitap tekjelerimizde hemişelik orun alan bu eserlerde türkmeniň aýdym-saz sungatynyň baý dünýäsi barada gyzykly maglumatlar öz beýanyny tapypdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde halkymyzyň baý medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolan milli aýdym-saz sungatymyz täze derejelere göterildi. Ony halkara derejede wagyz etmek boýunça asylly başlangyçlara badalga berildi. Dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Hususan-da, halypa-şägirtlik ýörelgesiniň aýdym-saz sungatynda täze-täze aýdyň sahypalary açýandygyny aýratyn bellemek gerek. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän şertleriniň netijesinde geljegine uly ynam bildirilýän ýaşlar ussatlardan tälim alyp, inçe senedi yhlas bilen öwrenýärler.

Häzirki zaman şertlerine laýyk gelýän sazçylyk hemde sungat mekdeplerinde, çagalar-ýetginjekler döredijilik merkezlerinde ýaş nesle milli senedimiziň inçe tilsimleri boýunça başlangyç bilimiň berilmegi, medeniýet öýlerinde ýaş dutarçylaryň toparlarynyň döredilmegi, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrunda yglan edilýän bäsleşigiň çäklerinde «Çalsana, bagşy!» atly bäsleşik we beýleki çäreler yzygiderli geçirilip, ýaş zehinleriň ýüze çykarylmagy pederlerimizden miras galan aýdym-saz sungatymyzy has-da baýlaşdyrmaga, dowamat-dowam etdirmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki günlerde hem «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň welaýat tapgyrlary geçirilýär. Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramyna bagyşlanyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň çäklerinde geçirilýän bäsleşik aýdym-saz muşdaklary üçin ýatdan çykmajak ýakymly pursatlary peşgeş berýär. Şonuň ýaly-da, bäsleşigiň dowamynda welaýatyň şäherleridir etraplarynda deslapky tapgyrlarda öňe saýlanan ýaş bagşy-sazandalaryň çeper döredijilik ussatlygy gözden geçirilýär.

Umuman, aýdym-saz sungaty barada aýdylanda, türkmen halkynyň milliliklerinden bolan dutary agzaman bolmaz. Ýagny türkmenlerde dutaryň sarpasy has belentdir. Türkmen toýlarynyň bezegi dutardyr. Geçmişde türkmeniň ak öýleriniň törüni gazma dutary bezäpdir. Dutar sözi «iki tar» diýen manyny berýär. Şol iki tardan çykýan owaz adamy gynandyryp hem, begendirip hem, buýsandyryp hem bilýär. Daşyndan seredeniňde, ýönekeý bolup görünýän bu saz guralyny ýasaýan dutarçy ussalar onuň ýasalyşyny sungat derejesine göteripdirler. Türkmen halkynyň belli saz guraly dutar Orta Aziýa halklarynyň arasynda has giňden ýaýran saz guralydyr. Ol özbeklerde,



garagalpaklarda, gyrgyzlarda, uýgurlarda we başga-da birnäçe halklarda bar. Emma olar biri-birinden möçberleri, perdeleri, hatda kirişleri boýunça hem tapawutlanýarlar.

Ynsan kalbynyň ruhy ganatyna öwrülen aýdymdyr sazlarymyzyň, halk senetçiliginiň nusgawy gymmatlyklary bolan milli saz gurallarymyzyň öwrenilmeginiň, ösdürilmeginiň, bu ugurdaky tejribeleriň indiki nesillere ýetirilmeginiň rowaçly menzillerine giň ýol açan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, mertebesi belent bolsun, döwletli işleri hemişe üstünliklere beslensin!

**Aýgül ADAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

# DANA ŞAHYRYŇ DÖREDIJILIK TAGLYMATY

Halkymyzyň mertebesini arşa göteren akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynyň gymmaty ýyl-ýyldan has-da artýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň akyldar şahyrymyzyň döredijiligini öwrenmäge we dabaralandyrmaga gönükdirilen beýik işleriniň netijesinde Magtymguly Pyragynyň at-owazasy dünýä ýaýylýar. Çünki akyldar şahyrymyzyň eserlerinde öňe süren pikirdir garaýyşlary, öwüt-ündewleri ähli halklar we döwürler üçin örän uly ähmiýete eýedir. Arkadagly



Gahryman Serdarymyz bu barada «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Magtymguly – taryhy köklerden, milli däp-dessurlardan aýagyňy üzmän, döwrüň täzeçilliklerine, belent ösüşlerine uýup ýaşamakdyr» diýip belleýär.

Bu hakykaty Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmeginde hem görmek bolýar. Beýik söz ussadynyň şygyrlary diňe türkmen halkynyň edebiýaty däl-de, eýsem, türki dilli edebiýat üçin hem täze bir edebi mekdep bolup durýar. Muny Magtymguly atamyzyň saýlanan eserleriniň dürli ýyllarda birnäçe türki dillerde, ýaňy-ýakynda bolsa gyrgyz dilinde neşir edilmegi hem subut edýär. Umumadamzat şahyryna öwrülen Magtymguly Pyragynyň şahsyýetini dolulygyna açyp görkezmekde milli Liderimiziň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly şygry uly ähmiýete eýedir.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Magtymguly atamyzyň ömrüni we döredijiligini içgin öwrenip, ylmy işleri çap etmek, şygyrlaryny daşary ýurt dillerine terjime etmekde giň gerimli işler alnyp barylýar. Şeýle-de beýik söz ussadynyň watançylyk baradaky milli pelsepesini ýaşlaryň arasynda giňden wagyz etmek maksady bilen, dokumental hem-de çeper filmleri döretmek, teleradioýaýlymlarda gepleşikleri taýýarlamak, gazet-žurnallarda makalalary çap etmek işlerine aýratyn üns berilýär.

Magtymguly Pyragy ýurdumyz bilen daşary ýurt döwletleriniň arasyndaky dost-doganlygyň hem berkidilmegine uly goşant goşýar. Gözbaşy asyrlaryň jümmüşine uzaýan türkmen-gazak dost-doganlyk gatnaşyklary häzirki wagtda täze mazmuna eýe bolýar. Ýakynda – 4-nji iýulda Gahryman Arkadagymyzyň Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde geçirilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ýokary derejeli sammitine hem-de akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň açylyş dabarasyna gatnaşmagy bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň berkemeginde ýene-de bir täze sahypa açyldy.

Şu ýylyň maý aýynda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan medeniýet ministrleri derejesindäki halkara maslahat geçirildi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň esasy çäreleriniň birine öwrülen foruma abraýly halkara guramalaryň, şol sanda Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ), Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG), Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) ýolbaşçylary hem-de wekilleri, Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň başlygynyň orunbasary hanym Şen Ýueýue, daşary ýurtlaryň birnäçesinden, şol sanda Azerbaýjandan, Gruziýadan, Ermenistandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Russiýadan, Täjigistandan, Özbegistandan, Hindistandan, Eýrandan, Katardan, Hytaýdan, Koreýa Respublikasyndan, Malaýziýadan, Türkiýeden, Ýaponiýadan wekiliýetler gatnaşdylar.

Türkmen halkynyň parahat we bagtly durmuşda ýaşamagyny arzuw eden beýik şahyr nesillere çuňňur paýhasa, arassa duýgulara ýugrulan ajaýyp şahyrana mirasy galdyrdy. Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasynyň ähmiýeti dünýä edebiýatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi, adamzadyň aň-paýhas hazynasyna mynasyp goşant boldy.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen bagly mowzuk döwlet Baştutanymyzyň geçen ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyndaky çykyşynda hem beýan edildi. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, ähli medeniýetli adamzat diňe bir dünýä edebiýatyna däl-de, eýsem, tutuş Gündogaryň, bütin dünýäniň medeni ösüşine örän uly goşant goşan beýik ynsanperwer şahyry ýatlaýar we oňa hormat goýýar. Şonda döwlet Baştutanymyzyň öz çykyşyny beýik Magtymgulynyň «Adamzat» atly goşgusynyň sözleri bilen tamamlamagy dünýä jemgyýetçiliginde aýratyn gyzyklanma döretdi.

Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli belentligi 60 metre ýetýän ägirt uly heýkeliň we dana şahyryň adyny göterýän medeni-seýilgäh toplumynyň hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda açylyp ulanmaga berilmegi hem halkymyz üçin ýatdan çykmajak taryhy waka boldy. Akyldar şahyrymyzyň bu heýkeli we «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy häzirki wagtda paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň hem-de myhmanlarynyň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň birine öwrüldi.

**Röwşen GARAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.*

# SETIRLERI DÖWRÜMIZ BILEN SAZLAŞÝAN AKYLDAR

ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2023-nji ýylyň 10-24-nji maýy aralygynda Parižde geçirilen 216-njy mejlisinde Magtymguly Pyragynyň golýazmalar ýygyndysy ÝUNESKO-nyň «Dünýä hakydasy» atly halkara sanawyna girizildi. Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň şahyrana eserleriniň 70-den gowragynda dürli yklymlar, sebitler, ýer-ýurtlar, irki orta asyr geografik menziller, gadymy, meşhur, şöhratly toponimik merkezler bilen bagly taryhy, edebi-geografik aňlatmalar, durmuş hakykatlary duş gelýär. Şolaryň biri hem Merkezi Aziýada taryhy rowaçlyklaryň ösüşine işjeň gatnaşan, geçmişiň görnükli yklymara sebitleriniň biri bolan Turan ülkesidir.

Dünýäniň çeperçilik, ahlak, ylmy we jemgyýetçilik medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşan ussadyň 10-dan gowrak eserlerinde Turan ýaýlasy, onuň bilen serhetleşen mekanlaryň, ülkeleriň, şäherleriň atlarynyň waspnamalary duş gelýär. Şahyryň «Bir işe ulaşdy», «Arş aglaýa», «Eýwany tört» gazallarynda «Kimi gitdi, Eýran, Turan, Kimi Yspyhan, Töwriz aşdy», «Pişiň Eýran bolsa, puştuň Turandyr», «Anyň wahemesine Eýran-Turana geldi», «Eýran-Turany gezip, azmy-Horasan geldi» diýip bellenilýän setirlerinde taryhy hakykatlaryň çeper söz sungatyndaky gözelligi, orny ynandyryjylykly açylyp görkezilýär.



Turan sözüniň etimologik köki «sahy gumlarda, jomart düzlerde, ýylçyr dag eteklerde, hoşnut sähralarda, tüçjar topraklarda ýalkananlar», «sahawatly, yzzatly, jünbüşli, hurşytly ýaýlalara bagry badaşan sahypkyranlaryň hydyrly mekany», «Zynatly zeminiň zerewşan zeberjedi», «Tarlaňly töreleriň tylla mekany», «Alplaryň altyn arbaply ojagy» diýmegi aňladýandygy, bu yklymyň 20 sany welaýatynyň, 70-e golaý şäherleriniň, kerwensaraýlaryň 200-e golaýynyň müňýyllyklaryň dowamynda ägirt uly taryhy miraslaryň goruna eýe bolan, täze görnüşde dikeldilýän Beýik Ýüpek ýolunyň kerwenleri bilen baglanyşandygy, bu mekanda orta asyrlarda adamzadyň ylmy, medeni, taryhy ykbalyna uly üstünlikleri getiren alymlaryň 150-den gowragynyň ýaşap geçendigi, hökümdarlyklaryň 15-e golaýynyň taryhy sahnada öçmejek yz galdyrandygy dürli edebiýatlarda bellenilip geçilýär.

Şöhratly Turan ülkesiniň gadymy ilatynyň oturymly künjekleri baradaky ilkinji we ygtybarly maglumatlar, ýaşyt bolan subutnamalar skif, sak, ahemenit, arşakit, Keýumers, Afrisýab kyssalarynda, «Awesta», sanskrit, pählewi çeşmelerinde, Abylkasym Ferdöwsiniň, ibn Haukalyň we Abu Ishak al-Istiharynyň eserlerinde ýatlanylýar. Häzirki zaman geologiýa ylmynda Turan çöketliginiň, taryhy-arhitektura arheologik ýadygärlikleriniň yzlarynyň Müňgyşlakdan Mazenderana, Hazardan Hazaraspa, Türkistandan Tebrize çenli bolan aralykdaky ägirt uly giňişliklerde we gurşawlarda saklanyp galandygy bellenilýär.

Geçen ýylyň 10-25-nji sentýabry aralygynda Saud Arabystany Patyşalygynyň Er-Riýad şäherinde geçirilen ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasy komitetiniň 45-nji mejlisinde Türkmenistanyň Özbegistan we Gazagystan Respublikalary bilen bilelikde hödürlän «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamanyň çäklerinde mähriban Watanymyzyň dürli sebitlerindäki halklaryň ýakynlaşmagy üçin kuwwatly güýç bolup hyzmat edýän, binagärlik pikirleriň öňdebaryjy tejribelerini hem-de haşamly çeperçilik sungatynyň gadymy däplerini özünde jemleýän, ýaşlary dürli asyrlar bilen senelenýän Amul galasynyň, Mansaf rabadynyň, Könegala kerwensaraýynyň, At-Tahmalaj duralgasynyň, Akja gala kerwensaraýynyň, Gyzylja gala kerwensaraýynyň, Küşmeýhan şäheriniň taryhy-arhitektura arheologik ýadygärlikleriniň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi gadymy Turanyň - häzirki Türkmenistanyň çäklerindäki irki orta asyr oturymly ekerançylyk künjeklerine bagtly döwrümizde halkara derejesinde täze döwranyň, merhemetli nazarlaryň dolanýandygyny aýdyň dabaralandyrýar.

Joşgunly setirleri döwrümiz bilen sazlaşýan akyldaryň «Gitmediň dünýä», «San bolsam» atly şygyrlarynda «Neýlediň soltany, öldürdiň hany, Şahy-Keýkowusny, Rüstem-i Zalny, Jelaleddin Rumy, Jame ulmany, Alarnyň jaýynda men hem kän bolsam» diýip, ýyllaryň dowamynda arzylanyp gelýän ussatlaryň atlary hormat, buýsanç bilen ýatlanylýar. 2023-nji ýylyň 29-njy maýynda ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 216-njy mejlisinde agza döwletleriň teklipleri boýunça ÝUNESKO tarapyndan 2024-2025-nji ýyllarda bu Gurama bilen bilelikde bellenjek şanly seneleriň tertibi tassyklandy. Ara alnyp maslahatlaşmalaryň netijesinde, Ýerine ýetiriji geňeşiň Baş konferensiýasy tarapyndan ÝUNESKO-nyň gatnaşmagynda 2024-2025-nji ýyllar aralygynda halkara derejesinde şanly seneleri dabaraly belläp geçmegiň çözgütleri barada taryhy kararlar kabul edildi we tassyklandy. Olaryň arasynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny belläp geçmek baradaky, «Jelaleddin Rumynyň eserleriniň külliýaty» atly ýygyndylaryň ÝUNESKO-nyň «Dünýä hakydasy» atly halkara sanawyna goşulandygy hakyndaky, Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň söýüp ezizlän, hormat goýup hatyralan, mertebeli ömürleri hem-de döredijilik ylhamyna güýç beren sahawat daragtynyň kökleriniň mähriban Watanymyz bilen bagly bolan Keý Kowusyň doglan gününiň 1000 ýyllygyny belläp geçmek hakyndaky taryhy çözgütleriň bilelikde bir tapgyrda tassyklanmagy, akyldarlaryň şanly seneleriniň sebitde utgaşykly toýlanmagy, döwürleriň şöhratly ykballary, keremli pursatlary bilen söýündiriji duýgularda, baýramçylyklarda sazlaşmagy köpleriň göwün guşuny ganatlandyrdy.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Dünýäde öňdebaryjy boldy.** Oba hojalygy möwsüminiň deslapky netijelerine görä, Russiýa bugdaý eksportynda dünýäde öňdebaryjy boldy. Bu barada ýurduň Oba hojalygy ministrligi habar berdi. 160-dan gowrak ýurda galla eksport edýän Russiýa şu ýyl 53 million tonna bugdaý eksport etmekçi.



**Gülmegi teklip edýän kanun.** Ýaponiýanyň Ýamagata prefekturasynda adamlardan her gün azyndan bir gezek gülmegi teklip edýän kanun kabul edildi. Taslamanyň awtorlary, gündelik gülkiniň fiziki we ruhy taýdan saglygy berkitmek üçin zerurdygyny öňe sürýärler. Şonuň üçin kanun taslamasy iş berijileri iş ýerlerinde gülki bilen doldurýan gurşawy döretmäge çagyrýar.



**Jübi teleskopy döredildi.** «DwarfLab» kompaniýasy tarapyndan agramy 1,35 kilogram bolan jübi teleskopy hödürlendi. Kitapdan onçakly uly bolmadyk enjamyň kömegi bilen galaktikalaryň, ýyldyzlar toplumynyň we ýyldyzlaryň şekillerini surata düşürip bolýar. Teleskopyň bahasy 479 dollara deň.



**Täsin krossowka hödürlendi.** Amerikan-iňlis kompaniýasy «Freeaim» wirtual hakykatda hereket etmek üçin özboluşly «VR Shoes» krossowkasyny hödürledi. Täze önüm elektrik rolikli konkileriň tehnologiýasy boýunça işleýär. «VR Shoes» ulanyjyny belli bir ýerde saklap, wirtual dünýäde howpsuz hereket etmäge mümkinçilik berýär.



**Iň gadymy üzüm çigidi tapyldy.** Kolumbiýanyň And daglarynda ýaşy 19 million ýyl bolan üzümiň daşa öwrülen galyndylary tapyldy. Bu Günbatar ýarymşarda üzümler maşgalasyna degişli iň gadymy tapyndy hasaplanýar. Paleontologlar topary galynda «Lithouva susmanii» (Susmanyň daş üzümi) diýip at berdiler.



**Rowaýaty gylyç gaýyp boldy.** Fransiýanyň Rokamadur kommunasyndaky gaýada ýerleşýän, ady rowaýata öwrülen Dýurandalyň gylyjy ýitirim boldy. Gaýanyň bir künjünde asyrlarboýy sünjülgi duran 80 santimetr uzynlykdaky gylyç döwlet emlägi hasaplanýardy. Ol 10 metrden gowrak belentlikde gaýanyň ýüzünde durdy.



**Iň gowy artist zenan.** Alban-britan pop aýdymçysy Dua Lipa 2024-nji ýylyň birinji ýarymynyň iň meşhur aýdymçysy diýlip yglan edildi. Onuň aýdymlary bütin dünýäde radio arkaly iň köp diňlenýän aýdymlar bolupdyr. Bu ugurdaky sanawy üstümizdäki ýylyň ilkinji alty aýynyň jemlerine esaslanýan «Forbes» žurnaly düzdi.



**Dört aý dowam eden toý.** Hindistanda milliarderleriň çagalary – 29 ýaşly Anant Ambani hem-de 29 ýaşly Radika Merçant «asyryň toýuny» toýladylar. Jübütleriň nika däplerine bagyşlanan dabaralar 4 aýlap dowam etdi. Esasy toý dabarasy Mumbaýda geçdi, oňa meşhur syýasatçylar, türgenler we artistler gatnaşdylar.



**Kofeden ýasalan galam.** Los-Anjelesiň «Zirobio» kompaniýasy mehaniki galamlar üçin gaýtadan işlenen kofe löderesinden öndürilen dünýäde ilkinji grifel «GRIND Z»-ni hödürledi. Bu grifel ähli awtomatiki galamlara laýyk gelip, kagyzda açyk goňur yz galdyrýar. Hat ýazylanda arabika kofesiniň ýakymly ysy ýaýraýar.



## GOŇŞY ÝURTLAR BILEN GATNAŞYKLAR BERKIDILER

**Eýranyň täze saýlanan Prezidenti Masud Pezeşkian öz administrasiýasynyň goňşy döwletler bilen özara gatnaşyklary ileri tutup, ähli ýurtlar bilen gatnaşyklarda deňagramlylygy saklamaga tagalla etjekdigini aýtdy.**



**– Biz goňşularymyz bilen gatnaşyklary berkitmegi ileri tutarys. Biz «güýçli sebiti» döretmegiň tarapdary. Biz Türkiýe, Saud Arabystany, Oman, Yrak, Bahreýn, Katar, Kuweýt, Birleşen Arap Emirlikleri we sebit guramalary bilen ykdysady we beýleki gatnaşyklary çuňlaşdyrmak üçin hyzmatdaşlyga sabyrsyzlyk bilen garaşýarys – diýip, Masud Pezeşkian «Tehran Times» gazetine beren söhbetdeşliginde belledi.**

**7-nji iýulda Eýranda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda reformaçy syýasatçy Masud Pezeşkian 16 million 384 müň 403 ses alyp, ýeňiş gazandy.**

**Onuň bäsdeşi, konserwatorlaryň wekili Said Jalili bolsa, 13 million 538 müň 179 ses aldy. Saýlawlara gatnaşyk 49,8 göterim bolup, jemi 30 million 573 müň 931 ses berildi.**

## RESPUBLIKAN PARTIÝADAN DALAŞGÄR GÖRKEZILDI

ABŞ-nyň Respublikan partiýasynyň gurultaýynyň wekilleri 5-nji noýabrda geçiriljek Prezident saýlawlaryna Donald Trampy resmi taýdan ABŞ-nyň Prezidentligine dalaşgär saýladylar. Donald Tramp Wiskonsin ştatynyň Miluoki şäherinde guralan gurultaýda Respublikan partiýanyň wekilleriniň köpüsi tarapyndan ýeterlik goldaw aldy.

Geçen aýyň başynda tamamlanan partiýanyň içindäki saýlawlaryň netijelerinden soň, Tramp esasy bäsdeşleri ABŞ-nyň BMG-däki öňki hemişelik wekili Nikki Heýliden, Kaliforniýanyň gubernatory Ron Desantisden we telekeçi Wiwek Ramaswamiden öňe geçip, Respublikan partiýanyň



ýeke-täk dalaşgäri boldy.

Golaýda Donald Tramp Ogaýo ştatyndan respublikan senator Jeýms Dewid Wansy ABŞ-nyň wise-prezidentligine dalaşgär hökmünde hödürleýändigini mälim etdi. Wans 2023-nji ýylyň ýanwaryndan bäri senator bolup işleýär we Trampyň ýakyn egindeşleriniň biridir. Respublikan partiýanyň gurultaýy 15-18-nji iýul aralygynda geçirildi.

## Mikroçip eksportynda dünýä liderleri

Geçen ýyl global mikroçip eksportynda Gonkong, Taýwan, Singapur, Hytaý we Koreýa Respublikasy öňdeligi eýeledi. Bu barada BMG-niň «Comtrade» platformasynyň hasabatynda aýdylýar. 2023-nji ýylda Gonkong mikroçipleriň esasy eksportçysy boldy we ýylyň dowamynda 193,5 milliard dollarlyk mikroçip bilen üpjün etdi. Ol indi 10 ýyl bäri çip eksportynda dünýäde öňdebaryjy ýurt bolup galýar. Ilkinji bäşlige 166,6 milliard dollarlyk haryt eksport eden Taýwan, Singapur (137,9 milliard dollar), Hytaý (136,3 milliard dollar) we Koreýa Respublikasy (86,1 milliard dollar) girdi. Mikroçipleri import etmekde Hytaý öňdebaryjy bolup, ýylyň dowamynda 350,1 milliard dollarlyk çip satyn aldy.



ABŞ-nyň ýarymgeçirijiler senagat birleşigi (SIA) 2023-nji ýylyň ahyrynda ýarymgeçirijileriň dünýädäki satuwynyň 2022-nji ýylyň rekord ýyly bilen deňeşdirilende 8,2 göterim azalandygyny we 526,8 milliard dollar bolandygyny habar berdi.

Şu ýylyň başynda ABŞ-nyň häkimiýetleriniň ýurtda zawod gurmak maksady bilen ösen ýarymgeçirijileri öndürýän kompaniýalara milliardlarça dollar subsidiýa bermegi meýilleşdirýändigi barada habar berildi. Maglumatlara görä, 52,7 milliard dollar möçberindäki subsidiýa bazaryň «Intel» we «Taiwan Semiconductor Manufacturing Co» (TSMC) ýaly ägirtleriniň arasynda paýlanar.

«Bu, akylly telefonlarda, emeli aňda we beýleki ulgamlarda ulanylýan ösen ýarymgeçirijileriň önümçiligini ýokarlandyrmaga ýardam berer» diýip, «Wall Street Journal» ýazdy.

Hytaý hem ýarymgeçiriji pudagyny ösdürmek maksady bilen 344 milliard ýuana (47,5 milliard dollar) deň bolan maýa bilen hökümet tarapyndan goldanýan maýa goýum gaznasyny esaslandyrdy.

## Ýewropa Parlamentinde sagçy topar döredilýär

Fransiýanyň sagçy «Milli bileleşik» partiýasynyň wekilleri Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban tarapyndan Ýewropa Parlamentinde döredilen sagçy güýçleriň «Ýewropanyň watansöýüjileri» bileleşigine goşular. Bu barada «Politico» web saýty ýazýar.

Bilermenler «Milli bileleşikden» gelen topar bilen birlikde sagçy partiýalaryň täze bileleşigi-



niň Ýewropa parlamentinde üçünji uly syýasy güýje öwrüljekdigini tassyklaýarlar. Häzirki wagtda «Milli bileleşik» toparynyň parlament fraksiýasynyň başlygy Marin Le Peniň wekiliýetinden Ýewropa parlamentiniň 30 wekili henizem sagçy «Şahsyýet we demokratiýa» fraksiýasyna girýär. Olaryň «Ýewropanyň watansöýüjileri» toparyna goşulmagy, Fransiýada geçirilen nobatdan daşary saýlawlaryň ikinji tapgyrynda ýeňilenden soň yraň atan «Milli bileleşigiň» ýagdaýyny ep-esli güýçlendirer.

## Roberta Metsola gaýtadan saýlandy

**16-njy iýulda maltaly 45 ýaşly syýasatçy Roberta Metsola Ýewropa Parlamentiniň başlyklygyna gaýtadan saýlandy. 6-9-njy iýun aralygynda Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynda geçirilen parlament saýlawlaryndan soň Strasburgda Ýewropa Parlamentiniň birinji mejlisi guralyp, onuň barşynda täze möhlete başlyk saýlandy.**

**Ýewropa Parlamentiniň täze çagyrylyşynyň 720 agzasy maltaly syýasatçy Roberta Metsolany gaýtadan başlyk saýlady. Bu wezipä Ispaniýadan Ýewropa Parlamentiniň agzasy, çepçi «Podemos» partiýasynyň agzasy Iren Montero hem dalaşgärlik etdi. Gizlin görnüşde geçirilen ses berişlikde Metsola 562 ses, Montero bolsa 61 ses aldy.**

**Ýene-de 2,5 ýyl Ýewropa Parlamentiniň başlygy wezipesini eýelejek Metsola 1979-njy ýylda Maltada dünýä indi. 2022-nji ýylyň ýanwar aýynda Ýewropa**



**Parlamentiniň başlygy wezipesine saýlanan Roberta Metsola tarpa-taýyn aradan çykan Dawid Sassoliniň ýerine geçdi. Şeýlelikde, ol Strasburgdaky kanun çykaryjy edaranyň iň ýaş başlygy boldy.**

## Iň gurak çöl gülzarlyga bürendi

Golaýda Çilide täsin tebigy hadysa bolup geçdi, adatça guraklygy bilen belli bolan Atakama çöli gülledi. Ürgün çägeler bilen örtülen ýer ak we benewşe güllere beslendi. Ýerli ýaşaýjylar tarapyndan «desierto florido» (gülleýän çöl) diýlip atlandyrylýan bu waka 5-7 ýyldan bir gezek bolup, diňe çöl ösümlikleriniň tohumlarynyň gögermegi üçin ýeterlik ýagyş bolan halatynda bolup geçýär. Alymlar soňky 40 ýylda şuňa meňzeş 15 hadysanyň diňe sentýabr bilen noýabr aýynyň aralygynda bolandygyny tassyklaýarlar. Ýöne şu ýyl gülleme garaşylmadyk ýagdaýda ir başlady we bu ýagdaý howanyň üýtgemegi bilen baglanyşdyrylýar.

Atakama gözellik çaýýan güller, has takygy, «Nolana paradoxa» görnüşine degişli güllerdir. Bu gysga birýyllyk ösümlikleriň ösen kök ulgamy ýok bolup, bol çyglylygyň gysga döwürlerine çalt uýgunlaşýar.

2022-nji ýylda Atakama çöli milli seýilgäh diýlip ykrar edildi, şonuň üçin bu ýerdäki ähli ösümlikler we haýwanlar, şol sanda süýrenijiler, guşlar we hatda mör-möjekler hem goralýar. Şeýle-de bolsa, bu ýagdaý täsin tebigy hadysanyň şaýady bolmak isleýän köp sanly syýahatçylara böwet bolmaýar.



Geljekde Atakamada ygalyň mukdarynyň köpelmegine garaşylýar, bu bolsa ösümlikleriň tutuş çölüň çäklerine ýaýramagyna we has ýygy güllemegine getirer.

## EMELI AŇ HAKYNDAKY KANUN

Ýewropa Bileleşigi tehnologiýa kompaniýalarynyň işini kadalaşdyrmak maksady bilen giňişleýin düzgünleri hödürleýän emeli aň baradaky kanuny resmi taýdan tassyklady. Iki ýylyň dowamynda işlenip düzülen kanun emeli aňyň ulanylyşynyň käbir görnüşlerini gadagan edýär we işläp düzüjileriň öňünde berk talaplary goýýar. Ýewropa Bileleşiginde iki ýyllap dowam eden maslahatlardan soň emeli aň baradaky ähli ýagdaýlary öz içine alýan kanun kabul edilip, bu ugry kadalaşdyrmakda aýgytly ädim ädildi.

1-nji awgustda resmi taýdan güýje girjek bu kanun Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde emeli aň tehnologiýalaryny ösdürmek we ulanmak üçin berk esas döredýär. Bu kanuny durmuşa geçirmegiň iň soňky möhleti 2025-nji ýylyň 2-nji fewralydyr, şondan soň tehnologiýa kompaniýalary raýatlaryň hukuklaryna howp salýan programmalary ulanmagy bes etmeli bolarlar. Kanunyň doly teksti Ýewropa Bileleşiginiň resmi web sahypasynda çap edildi.

Täze kanun emeli aňyň käbir görnüşlerini ulanmagy gadagan edýär. Hususan-da, adamlary ynançlaryna we şahsyýetlerine baglylykda biometrik kategoriýalaşdyrmak, şeýle hem ýüz keşpleriň suratlaryny internetden ýa-da gözegçilik kameralarynyň ýazgylaryndan rugsatsyz almak ýaly hereketleri gadagan edýär. Işläp düzüjiler algoritmiň aýdyňlygyny üpjün etmeli we tehnologiýalary-




nyň işleýşi barada aç-açan maglumat bermeli. Düzgünnamalaryň köpüsi 2026-njy ýylyň awgustyna çenli güýje girer we möhüm pudaklarda ulanylýan ýokary töwekgelçilikli ulgamlar üçin möhlet 2027-nji ýylyň awgustyna çenli uzaldyldy.

Emeli aň hakyndaky kanunyň bozulmagy agyr jerimeleriň salynmagyna sebäp bolup biler. Emeli aňyň gadagan edilen belli bir görnüşleri ulanylan halatynda 35 million ýewro ýa-da kompaniýanyň ýyllyk girdejisiniň 7 göterimi möçberinde jerime salnar. Beýleki düzgün bozulmalar üçin hem belli bir tertipde ep-esli jerime salnar.

## Kuweýtde nebit-gaz ýatagy tapyldy

**Kuweýt nebit korporasiýasy (Kuwait Petroleum Corporation – KPC) Pars aýlagyndaky Failaka adasynyň gündogarynda ägirt uly «Al-Nohata» nebit ýatagyny ýüze çykarandygyny mälim etdi. Korporasiýanyň baş direktory Şeýh Nawaf Saud Al-Sabahyň aýtmagyna görä, ýatagyň ätiýaçlyk gorlary ýurduň üç ýyllyk önümçiligine deňdir.**

**Kuweýt nebit korporasiýasynyň baş direktory, deslapky çaklamalara görä, ýatakda, takmynan, 2,1 milliard barrele çenli nebitiň we 5,1 trillion kub fut gazyň bolup biljekdigini atdy. Bu bolsa, takmynan, 3,2 milliard barrele barabar nebit ekwiwalentine deňdir.**

**Kuweýt Nebit eksport edýän ýurtlaryň guramasynda (OPEK) nebit çykarmak boýunça bäşinji orunda durýar we her günde, takmynan, 2,48 million barrel nebit çykarýar. Ýurtda dünýäniň iň uly nebit gorlary**



**bar we 2035-nji ýyla çenli nebit çykarylyşynyň möçberini her günde 4 million barrele çenli artdyrmak maksat edinilýär.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**1980-nji ýylyň 19-njy iýulyndan 3-nji awgustyna çenli Moskwada XXII Olimpiýa oýunlary geçirildi. Bu sport ýaryşlary Gündogar Ýewropada geçirilen ilkinji Olimpiýa oýunlarydyr.**



**Olimpiýa oýunlarynyň bir böleginiň diňe bir Moskwada däl, eýsem, Sowet Soýuzynyň beýleki şäherlerinde hem geçirilendigi bellärliklidir.**

## DÜNÝÄNIŇ ILATY IŇ ÝOKARY DEREJÄ ÝETER

Geljek 60 ýylda dünýä ilatynyň köpelmegi dowam edip, 2080-nji ýyllaryň ortalarynda 10,3 milliarda ýetmegine garaşylýar. Bu barada BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça departamenti habar berdi.

«Dünýä ilatynyň 2080-nji ýyllaryň ortalaryna çenli, ýene-de 50-60 ýylyň dowamynda artmagyny dowam etdirip, takmynan, 10,3 milliard adam köpelmegine garaşylýar. Iň ýokary derejesine ýetensoň, asyryň ahyryna çenli kem-kemden 10,2 milliard adama çenli peselip başlar diýlip çaklanylýar» diýlip, guramanyň hasabatynda bellenilýär.

Ýokarda ýatlananlar BMG-niň hünärmenleriniň dünýä ilatynyň XXI asyrda iň ýokary derejä ýetmek ähtimallygynyň diňe 30 göterim boljakdygyny öňe sürýän öňki çaklamalaryna täzeden garandygyny aňladýar. Mundan başga-da, häzirki çaklamalara görä, 2100-nji ýylda ilat 6 göterim ýa-da 700 million adam artar. Bu bolsa,



öňki çaklamalardaky garaşylýandan azdyr.

«Çaklamadaky üýtgeşmeleriň dünýäniň käbir uly ýurtlarynda, esasan hem, Hytaýda çaga doglușynyň peselmegi baradaky maglumatlaryň seljermesine esaslanýar» diýip, hasabatyň awtorlary belleýärler.

Häzirki wagtda dünýä ilatynyň 28 göteriminiň ýaşaýan 63 ýurdunda ösüşiň iň ýokary derejesiniň eýýäm bolup geçendigi bellendi. Şeýle ýurtlaryň hatarynda Russiýa, Hytaý, Germaniýa we Ýaponiýa bar. Häzirki wagtda dünýä ilatynyň 10 göteriminiň ýaşaýan 48 ýurdunda ýakyn ýyllarda ilat sany artar we 2025-nji ýyldan 2054-nji ýyla çenli ýokary derejä çykar. Bu topara Braziliýa, Eýran, Türkiýe we Wýetnam ýaly ýurtlar girýär. Dünýäniň 126 ýurdunda ilat 2054-nji ýyldan soň hem artyp, 2100-nji ýyla çenli we ondan soň iň ýokary derejesine çykar. Bu ýurtlara Hindistan, Indoneziýa, Pakistan we ABŞ girýär.

BMG-niň hünärmenleri 2054-nji ýyla çenli 52 ýurtda we 2100-nji ýyla çenli 62 ýurtda ilatyň köpelmeginiň esasy faktorlarynyň biriniň immigrasiýa boljakdygyny aýratyn nygtaýarlar. Hünärmenler Awstraliýa, Kanada we ABŞ ýaly ýurtlara beýleki ýurtlardan gelýänleriň artýandygy sebäpli geljekde ilat sanynyň artjak ýurtlary hökmünde baha berdi.

– Käbir ýurtlarda çaga doglușynyň derejesi häzirki wagtda garaşylýandan has pes, şeýle hem çaga doglușynyň ýokary bolan käbir sebitlerinde has çalt pese gaçyşy görýäris – diýip, BMG-niň baş sekretarynyň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça orunbasary Li Szýunhua aýdýar.

2024-nji ýylyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda Ýer ýüzünde 8,2 milliard adam ýaşaýar.

# IŇ KÖP GEPLEŞILÝÄN DILLER

**Dünýäde, takmynan, 7 müňden gowrak bolup, diller grammatik gurluşy we ulanylyş gerimi taýdan tapawutlanýarlar. Käbir dil halkara dil hökmünde ykrar edilen bolsa, käbir dil diňe belli bir sebitde ulanylýar. Umuman, islendik dil näçe ulanyjysynyň bardygyna garamazdan medeni baýlygy ýüze çykarmakda, birek-birek bilen düşünişmekde uly ähmiýete eýedir. Islendik adamda syýahat etmek isleýän ýurdy, tomaşa edýän filmindäki adamlar hem-de okan çeper eserlerindäki wakalar barada gyzyklanma döräp, şolaryň dilini öwrenmäge girişip biler. Dil özüne çekiji aragatnaşyk serişdesi bolup, soňky ýyllarda daşary ýurt dillerini öwrenijileriň sany barha artýar. Dil öwrenýänleriň aglaba bölegi dünýäde iň köp ulanylýan dilleriň haýsy hem bolsa birini öwrenenini kem görmeýär. Käbir dil öwrenijiler öwrenýän diliniň aňsatlygyna ýada kyndygyna seredýär. Siz täze dil öwrenmek isleýäňizmi? Onda ilki bilen 2024-nji ýylda iň köp gepleşilýän diller bilen tanyş boluň!**



**Iňlis dili (1,452 milliard).** Dünýäde iň köp ulanylýan dilleriň ilkinjisi bolan iňlis dilinde 1,5 milliard töweregi adam gepleşýär. Halkara işewürlikden başlap, syýahatçylyk we tehnologiýa ulgamynda işjeň ulanylýan bu dile her üç adamdan biri düşünýär. Internet ulgamyndaky maglumatlaryň 60 göterimden gowragy iňlis dilinde bolup, dünýäniň 372 million ýaşaýjysy iňlis dilini ene dili hasaplaýar.

**Mandarin dili (1,118 milliard).** Dünýäde mandarin dilinde düşünişýänleriň umumy sanyna seretseň, iň köp gepleşilýän dil hasaplanýar. Bu dilde gepleşýänleriň sany 1 milliarddan geçýär. Hytaýda ikinji dil hökmünde ulanylýan bu dili 929 million adam öz ene dili hasaplaýar. Mandarinçe aslynda özbaşdak dil bolman, hytaý diliniň bir şiwesidir.

**Hindi dili (602 million).** Hindi dili iňlis dili bilen birlikde dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanyň 22 resmi diliniň biridir. 343 million ilatyň öz ene dili hasaplaýan hindi dilinde 602 milliondan gowrak adam gepleşýär. Hindistandan başga-da, Nepalyň ilatynyň dörtden bir bölegi hindiçe gepleşýär. Hindistanda 121-den gowrak dil ulanylýar.



**Ispan dili (548 million).** Ispan dili ene dilinde gepleşýänleriň sany boýunça ikinji orunda durýar. 474 milliondan gowrak ilatyň ene dili hasaplanýan ispança romantik dilleriň biridir. Internetde iň köp ulanylýan üçünji dil bolan ispançada 548 milliondan gowrak adam gepleşýär. Ispan dili diňe bir Ispaniýadyr Amerikada däl, Afrikadyr Aziýa ýurtlarynda hem ulanylýar. Häzirki wagtda dünýäde 21 sany ispan dilli ýurt bar.



**Fransuz dili (280 million).** 274 milliondan gowrak adam dünýäde iň owadan dilde – fransuzça gepleşýär. Häzirki wagtda 29 sany fransuz dilli ýurt bolup, 80 million töweregi ilat «aşyk-magşuklaryň dilini» öz ene dili diýip tassyklaýar. Iňlis dili işewürlik dili bolsa, fransuzça medeniýet dili hasaplanýar. Fransuz dili iň köp gepleşilýän dilleriň arasynda üçünji orunda durýar.

**Arap dili (274 million).** Häzirki zaman arap dili 22 ýurduň ýeke-täk resmi dili bolup, iň köp şiwesi bolan dil hasaplanýar. Bu dilde gepleşýänleriň sany 274 milliondan gowrak bolup, arap dili Birleşen Milletler Guramasyndaky halkara dilleriň biridir. Häzirki zaman arap dili metbugatda, teleýaýlymlarda we syýasy ýygnaklarda ulanylýar. Arap ýurtlarynyň ýaşaýjylary öz aralarynda arap diliniň şiwelerini ulanýarlar, emma häzirki zaman arap dilinde gepleşmeýärler. Eger arap dilini özleşdirmek isleýän bolsaňyz, ilki arap diliniň şiweleri bilen tanşyp, soňra häzirki zaman arap dilini öwrenip bilersiňiz.



**Bengal dili (272 million).** Bangladeşiň resmi dili bolan bengalçada Bangladeşde, Hindistanda we Mýanmada gepleşilýär. Şeýle kiçijik sebitde ulanylýan diliň dünýäde iň köp gepleşilýän dilleriň biri bolmagy geň galdyryjy hadysadyr. Gür ilatly sebitiň 233 milliondan gowrak ýaşaýjysy bengalçany öz ene dili hasaplaýar. Häzirki wagtda bengalçada gepleşýänleriň sany 272 milliondan geçýär.

**Rus dili (258 million).** 4 ýurduň resmi dili hasaplanýan rus dili dünýäniň 19 ýurdunda ulanylýar. 154 million ilatyň ene dili hasaplanýan rusçada 258 milliondan gowrak adam gepleşýär.



**Portugal dili (257 million).** Bu dil Portugaliýada, Ýewropada, Günorta Amerikada, Afrikada we Aziýada giňden ulanylýar. 232 million ilatyň ene dili bolan portugalça 9 ýurduň resmi dili hasaplanýar. Portugal dilinde iň köp gepleşilýän ýurt Braziliýa bolup, bu dilde umumy gepleşýänleriň sany 257 milliondan geçýär.

**Urdu dili (231 million).** Pakistanyň iki resmi diliniň biri bolan, Hindistanyň käbir sebitinde ulanylýan urdu dilinde 231 milliondan gowrak adam gepleşýär. 70 million ilatyň ene dili hasaplanýan urdu dilinde pars elipbiýi ulanylýar.

## Ýylyň reňkine ylham beren miwe

**Miweli agajyň bir görnüşi bolan şetdalynyň ata Watany Hytaý hasaplanýar. Bägülgüllüler maşgalasyna degişli bolan bu agajyň miwesi tomus we güýz aýlarynda ýetişýär. Uzyndan uçly, ýalpyldawuk ýapraklary we owadan gülgüne gülleri bilen tanalýan bu agajyň ýeke şänikli miwesiniň daşy tüýli we tüýsüz bolup, ak, sary we gyzyl şetdaly ýaly görnüşlere bölünýär. Şetdaly etli we suwly miwe bolup, birnäçe witamini özünde saklaýar. Şetdaly adam saglygyna peýdalydygy bilen gadym döwürlerden bäri meşhurdyr.**

**Şetdaly immuniteti berkitmäge ýardam edýän antioksidantlary özünde jemleýär. Düzümindäki C we E witamini bedeniň garşy durujylygyny güýçlendirip, kesellere garşy göreşmäge goşant goşýar.**

**Şetdalynyň düzümindäki A, B3, C witaminleri, foliý turşusy, beta-karotin we kaliý iýmit siňdirişi aňsatlaşdyrýar. Doýgun ýag bolmandygy sebäpli bu miwe aşgazanda gyjynma döretmeýär. Şetdaly içgeçmäni bejermekde peýdaly bolup, iýmit siňdiriş bozulmalarynyň öňüni alýar.**



**Ýürek saglygyny goramagyň iň möhüm şertleriniň biri süýüme baý önümleri iýmekdir. Şetdalyda ýeterlik derejede süýüm saklanyp, ýokary gan basyşyna we holesteriniň derejesine oňyn täsir edýär.**

**C witamine baý bu miwe derini ýokançlyklardan we zyýanly şöhlelerden goraýar. Menekleri we deridäki yzlary aýyrmaga ýardam edýär.**

**Şetdalyda saklanýan A witamini süňkler we dişler üçin peýdaly bolmak bilen bir hatarda, gijeki görşi hem gowulandyrýar. Bu miwe yzygiderli iýlende görüş bilen bagly kynçylyklary aradan aýryp bolýar.**

**Bilermenleriň bellemeklerine görä, şetdaly süýüme baýdygy sebäpli içegeleri herekete getirýär. Şeýle hem gandaky şekeriň derejesini deňagramly saklamak bilen, çalt ajykmagyň öňüni alýar.**

**Bulardan başga-da, şetdaly agramy kadaly derejede saklamaga, süýjüli diabetiň we düwnük keseliniň öňüni almaga, görşi güýçlendirmäge hem-de ganazlyk bilen göreşmäge ýardam edýär.**

## Bagtly durmuşyň açary



**Geçirilen barlaglarda çagalaryň ösüşi üçin maşgala bolup dynç almagyň aýratyn peýdalydygy anyklandy. Şeýle ýagdaýda çagalar özlerini has-da bagtly duýýarlar. Maşgalanyň jebisliginiň, bagtyýarlygynyň hatyrasyna berk sosial gatnaşyklary saklamak esasy şertleriň biri bolup durýar.**

**Dynç günleri maşgala bolup bilelikde dynç almagy unutmaly däl. Esasan hem, tomus paslynyň dowam edýän günlerini – çagalaryň dynç alyş möwsümini şatlykly ýagdaýda geçirmeli. Munuň üçin açyk meýdana, seýilgählere, deňiz kenarlaryna we tokaýlara gitmeli. Dynç alynýan wagtynda küşt, şaşka, top oýunlaryny oýnamak sanly oýunlara güýmenmekden has peýdalydyr. Ýaşyl meýdan, arassa howa saglygymyz üçin ýaramlydyr.**

**Maşgala bolup dynç alynýan wagtynda göwnüçökgünlik alamatlary aýrylyp, şähdiň açylýar, birek-birege bolan ynam we ysnyşma has-da artýar. Şeýle ýagdaýlarda wagtyň peýdaly we şatlykly geçýär. Bilermenleriň pikiriçe, maşgala bolup tebigatda dynç almak bagtly durmuşyň açarydyr.**

# ÇAGALAR

**Polat gurluşdan düzülen Eýfel diňi tomusda 15 santimetr çemesi «ösýär».**

## Guşmy ýa-da KEBELEK?!

**Tebigatda dürli-dürli jandarlar we mör-möjekler duş gelip, käte olary bir-birinden saýgarmakda kynçylyk döreýär. Şeýle mör-möjekleriň biri hem «macroglossum stellatarum» diýlip atlandyrylýan kebelek bolup, uzakdan seredeniňde guşa meňzeýär. Göwresi agymtyl-gara bu kebelegiň guşuňka meňzeş mämişi-goňur ganaty bolup, gülleriň nektaryny sorýan uzyn holtumy bar. Köplenç awgust aýynda köpelýän bu kebelekler sentýabr-oktýabr aýlary tokaýa ýaýraýar. Bu kebelekler liçinkalaryny agajyň köweklerinde, diwaryň aralarynda, ýere düşen ýapraklaryň içinde taşlaýarlar.**

**Guşkebelegiň ululygy ortaça bolup, ganatynyň uzynlygy 5 santimetre ýetýär. 6 aýakly bu kebelegiň maňlaýynda 2 sany «şahy» hem-de uzyn holtumy bar. Her ýyl Günorta Ýewropadan Demirgazyk Afrika uçup gidýän guşkebelek Angliýanyň «ýerli ýaşaýjysy» hasaplanýar. Bu kebelekler bir-biri bilen habarlaşmak üçin wyzzyldyly sesleri ulanýarlar. Guşkebelegiň täsin tarapy sekuntda 85 gezek ganat kakyp bilmegidir. Tebigatda seýrek duş gelýän guşkebelek daşky görnüşi we täsin hereketleri bilen tebigaty öwrenijileriň ünsüni özüne çekýär.**



## EÝFEL diňi barada...



**Parižiň nyşany hasaplanýan Eýfel diňi dünýäniň meşhur desgalarynyň arasynda öňdäki orny eýeleýär. Her ýyl millionlarça syýahatçy Eýfel diňini synlamak üçin fransuz paýtagtyna barýar. 1889-njy ýylda Parižde geçirilen Bütindünýä sergisi mynasybetli wagtlaýyn gurlan bu desganyň häzirki wagtda beýikligi 330 metre ýetýär. Polat gurluşa eýe Eýfel diňi 3 bölekden ybarat. Desganyň depesine liftli ýa-da basgançakdan çykyp, şäheri has ýokardan synlap bolýar. Ilkibada parižliler demirden gurlan bu desgany fransuz binagärlik däplerine zeper ýetirýändigi üçin halamandyrlar. Şeýle-de bolsa bina uly gyzyklanma döredendigi üçin hemişelik saklanyp galýar.**

### EÝFEL DIŇI BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR:

**Reňki üýtgedilýär.** Eýfel diňi dürli ýyllarda dürli reňke bürendi. «Demir zenan» 1889-njy ýylda açylanda gyzylymtyl-goňur reňkdedi. 10 ýyldan soňra sary reňke bürendi. Eýfel diňiniň daşky bezegini üýtgetmek üçin her gezek 60 tonna reňk ulanylýar. Polat desga 1968-nji ýylda gaýtadan goňur reňkli edildi.

**Iň beýik bina.** Eýfel diňi açylandan soň Waşington ýadygärliginden (169 metr) öňe geçip, dünýäniň iň beýik binasy (300 metr) bolýar. Eýfel binasy bu adyny 40 ýyldan gowrak wagt saklap, 1931-nji ýylda Nýu-Ýorkdaky «Chrysler» binasy (319 metr) açylandan soň ikinji orna düşýär.

**Tomsuna uzalýar.** Gyzgynda metalyň süýnmegi tebigy hadysa bolup, oňa fizikada termiki giňelme diýilýär. Polat gurluşdan düzülen Eýfel diňi hem tomusda 15 santimetr çemesi «ösýär».

**Gijeki ýolgörkeziji.** 1925-1936-njy ýyllar aralygynda Eýfeliň üç gapdalynda oturdylan millionlarça reňkli lampa Fransiýanyň «Citroën» awtoulag kompaniýasynyň 100 metrlik dik harplaryny ýazmak üçin uşyklandyryldy. Ýagtylyk mahabatyny 33 kilometr uzakdan saýgaryp bolupdyr.

## Tennis topunyň REŇKI NÄHILI?



**Asyrlarboýy köpçüligiň gyzyklanyp gelýän meşhur güýmenjesi bolan tennis naýbaşy sport görnüşleriniň biri hasaplanýar. Ýaşyl we gyzgylt meýdançada (kort) oýnalýan bu sport görnüşi, esasan hem, ýaşlaryň arasynda has ýörgünlidir. Sport görnüşleriniň köpüsiniň özüne mahsus düzgünleri we oýun üçin niýetlenen esbaplary bar. Mysal üçin, futbol ýaşyl meýdançada, bäşburçluklardan düzülen alabeder top bilen oýnalýan bolsa, woleýbol üçin ýeňiljek sarymtyl-gök top we setkaly kiçiräk meýdança gerek. Çukurjykly meýdançada geçirilýän golf üçin kiçijik ak toplar we ujy egri taýajyk zerur bolsa, regbi üçin tutmaga amatly ýumurtga şekilindäki top gerek. Tennisiň hem özboluşly şertleri bolup, oýun üçin raketka, tor çekilen meýdança we kiçijik sarymtyl-ýaşyl top gerek. Eýsem, tennisde näme üçin ak, gyzyl ýa-da gök däl-de, sarymtyl-ýaşyl toplar saýlandyka?! Geliň, tennis topunyň aýratynlyklary bilen tanyş bolalyň!**

Tennis oýnalýan meýdança kort diýilýär. Kortuň tassyklanan uzynlygy 23,77 metr bolup, ini ýekelikdäki (2 oýunçy) oýunlar üçin 8,23 metre, jübütleýin (4 oýunçy) ýaryşlar üçin 10,97 metre deň. Çeýeligi we çaltlygy talap edýän bu oýunda reňkli we daşy sütükli kiçijik top raketka bilen urlup, tordan aňry geçirilýär. Topy dürs urup bilmedik we tordan geçirip bilmedik oýunçy utuk ýitirip, topy tordan geçiren we dürs uran oýunçy ýeňiş gazanýar.



Tennis topy adatça 6,8 santimetr ululykda bolup, daşynda örtügi bar. Ýumşaklygyna garamazdan böküp bilýän bu top uzakdan seredeniňde ýaşyl görünýär. Ýakyndan göreniňde sarymtyl öwüşgin berýän tennis topunyň taryhy 1870-nji ýyllardan gözbaş alýar. Angliýada dörän tennis ilkibaşda kriket meýdançasynda oýnalypdyr. Şol döwürlerde ak reňkli kiçijik toplar ulanylyp, 30 ýyldan soň sarymtyl-ýaşyl toplar oýlanyp tapylypdyr. Tennis topuny oýlap tapanlar iňlisler däl-de, nemesler hasaplanýar.

Halkara tennis federasiýasynyň düzgünlerine görä, tennis topunyň diametri, reňki we gurluşy ähli ýaryşlar üçin deň bolmaly. Tennis topunyň resmi taýdan yglan edilen reňki optiki sary diýilýän ýaşyla ýakyn reňkdir. 1972-nji ýylda ak toplaryň gidip-geliş ugrunyň tomaşaçylara görünmeýändigi sebäpli, dürli reňkli toplar hödürlenýär. Ahyrsoňy optiki sary tennis topy üçin kesgitlenen reňk hökmünde kabul edilýär. Häzirki wagtda güýmenje maksady bilen geçirilýän tennis ýaryşlarynda dürli reňkli topjagazlar ulanylýan hem bolsa, professional ýaryşlar sarymtyl-ýaşyl topda geçirilýär.

**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**



**Labirint**



**7 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**





## 81-nji Wenesiýa film festiwalynyň eminler topary mälim edildi

Kino sungatynyň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňiniň 81-nji geçirilişi şu ýylyň 28-nji awgusty – 7-nji sentýabry aralygynda guralar. Italiýanyň Wenesiýa şäherinde geçirilýän festiwalda onlarça film dürli ugurlar boýunça bäsleşýär. Esasy bäsleşige, ýagny «Altyn ýolbars» baýragy üçin her ýyl 20 töweregi film saýlanýar. Häzirki wagtda dalaşgär filmler belli bolman, golaýda şol kinolara baha berjek eminler topary mälim edildi. Şunlukda, Berlin we Kann film festiwallary bilen bilelikde dünýäniň iň esasy 3 film festiwalynyň biri hasaplanýan 81-nji Wenesiýa film festiwalynda eminler toparyna fransiýaly meşhur aktrisa Izabel Ýupper ýolbaşçylyk eder. 71 ýaşyndaky aktrisa bu festiwalyň çäginde 2 gezek iň gowy aktrisa hökmünde saýlanyp, «Volpi» kuboklaryny gazanypdy. Ýupper 1988-nji ýyldaky «Zenan hekaýasy» (Une affaire de femmes) hem-de 1995-nji ýyldaky «Dabara» (La Ceremonie) filmindäki keşpleri bilen ady agzalan baýraga mynasyp bolupdy.

Izabel Ýupperiň ýolbaşçylyk edýän eminler toparyna festiwalyň guramaçylary amerikaly režissýor hem ssenariçi Jeýms Greý, britaniýaly režissýor Andrýuw Heig, polşaly tanymal režissýor Agnieşka Holland, braziliýaly režissýor, ssenariçi, prodýuser Kleber Mendonsa Filo, mawritaniýaly režissýor Abderrahman Sissako, italiýaly belli režissýor Juseppe Tornatore, germaniýaly ssenariçi hem režissýor Ýulia won Haýns, hytaýly meşhur aktrisa Çžan Szyý dagy çagyryldy.

Festiwalyň esasy bäsleşik bölüminde görkeziljek filmler öňümizdäki günlerde mälim ediler.




## «Pixar»-yň iň köp girdeji gazanan multfilmi

Häzirki wagtda ekranlarda görkezilýän we ýylyň girdejisini 1 milliard dollardan geçiren ilkinji ekran eseri bolan «Inside Out 2» animasiýasy kassa ýygymyny toplamagyny dowam edýär. Ekranlara çykanyna 1 aýdan gowrak wagt geçen animasiýanyň prokatlardan toplan girdejisi 1 milliard 371 million dollardan geçdi. 200 million dollar býujetli multfilme Kelsi Mann režissýorlyk edip, ekran eseri birnäçe statistikada öňe saýlandy. Iň çalt 1 milliard dollar gazanan animasiýa bolan «Inside Out 2» multfilminiň bu görkezijä ýetmegi üçin 19 gün ýeterlik boldy. Ol bu ugurda «Şa ýolbars» multfilminiň rekordyny täzeledi (21 gün). Umumylykda 1 milliard dollardan köp girdeji gazanan 54-nji ekran eseri bolan «Inside Out 2» multfilmi öndüriji «Pixar»-yň rekordyny hem täzeledi. «Inside Out 2» multfilmi «Pixar»-yň iň köp girdeji gazanan animasiýasy boldy. Bu ugurda «Super maşgala 2» (Incredibles 2) animasiýasy 1 milliard 242 million dollar bilen birinji orunda barýardy.



Animasiýa ugry boýunça ähli baýraklaryň hem birinji derejeli hyrydary hasaplanýan «Inside Out 2» iň köp girdeji gazanan multfilmleriň sanawynda 3-nji orny eýeleýär. Ondan öňde «Doňaklyk 2» (Frozen II) hem-de «Şa ýolbars» (The Lion King) animasiýalary bar. Ol şol bir wagtyň özünde iň köp girdeji gazanan filmleriň sanawynda 16-njy ýerde bolup, animasiýanyň 2 sanawda-da has ýokarky basgançaklara çykmagyna garaşylýar.

## «Şrek 5» ekranlara çykar

Meşhur «Şrek» (Shrek) animasiýalar toplumynyň nobatdaky multfilminiň ekranlara çykaryljak wagty mälim edildi. «DreamWorks Animation» studiýasy tarapyndan berlen beýanatda «Şrek 5» atly multfilm 2026-njy ýylyň 1-nji iýulynda ekranlara ýaýradylar. Ýagny 5-nji multfilm «Şrek» animasiýalar seriýasynyň görkezilip başlanyna 25 ýyl dolanda ekranlara çykar. Bu multfilm 16 ýyldan soň kinoteatrlarda görkeziljek «Şrek» animasiýasy bolar. Şol bir wagtyň özünde bu multfilm «Şrek» animasiýalar franşizasynyň 7-nji multfilmi bolup, oňa Wolt Dorn režissýorlyk eder. Ol «Şrek» animasiýalarynyň 2-3-nji bölümleriniň ssenariçileriniň biri bolupdy. Baş gahrymanlara – Şrege, Fiona, Eşege we Pişige ses beren Maýk Maýers, Kameron Diaz, Eddi Mörfi hem-de Antonio Banderas dagynyň 5-nji bölümde hem ses bermäge gatnaşjakdygy resmi ýagdaýda habar berildi.



Ilkinjisi 2001-nji ýylda ekranlara çykan «Şrek» animasiýasy tomaşaçylaryň söýgüsini gazanypdy. 2004-nji ýylda 2-nji, 2007-nji ýylda 3-nji, 2010-njy ýylda-da 4-nji bölüm halk köpçüliginiň dykgatyna ýetirilipdi. 2011-nji ýylda «Şrek» animasiýasynyň gahrymanlaryndan Pişigiň başdangeçirmeleri «Ädikli pişik» ady bilen ekranlaşdyrylypdy. «Ädikli pişigiň» 2-nji multfilmi bolsa 2022-nji ýylda ekranlara çykypdy.

Umumylykda «Şrek» animasiýalar franşizasy prokatdan 4 milliard 18 million dollarlyk kassa ýygymyny toplapdy. Ýeri gelende bellesek, «Şrek» animasiýalarynyň ýene bir spin-off multfilmi peýda bolar. Bu gezek Eşegiň başdangeçirmeleri aýratyn animasiýa bolup, onuň haçan prokata çykjakdygy häzirlikçe anyk däl.

## Girdejisi 5 milliard dollardan geçen animasiýa seriýasy

«Universal Pictures» studiýasynyň önümi bolan «Görnüksiz men» (Despicable Me) animasiýalar seriýasynyň prokatdan umumy ýygnan girdejisi 5 milliard dollardan geçdi. Häzirki wagtda ekranlarda görkezilýän «Görnüksiz men 4» multfilminiň prokatlardan 449 million dollar toplamagyndan soň umumy seriýanyň girdejisi 5 milliard dollardan köp boldy. Şeýlelikde, «Görnüksiz men» animasiýalar seriýasy 5 milliard dollara ýeten ilkinji animasiýa franşizasy hökmünde hasaba alyndy.

Ilkinjisi 2010-njy ýylda ekranlara çykan animasiýanyň 4 multfilmi (Görnüksiz men 1–2–3–4) hem-de spin-off (esasy filmiň bir gahrymanynyň aýratynlykda başdan geçirmesi) multfilmi, ýagny ýanama filmi «Minionlar» animasiýasynyň 1–2-nji bölümleri halk köpçüligine ýetirilipdi. Umumylykda



6 multfilm üçin 479 million dollar çykdajy edildi. Seriýanyň iň köp girdeji gazanan bölümi 2015-nji ýyldaky «Minionlar» hem-de 2017-nji ýylda ekranlara çykan «Görnüksiz men 3» multfilmleridir. Ýeri gelende bellesek, «Minionlar 3» multfilmi-de 2027-nji ýylda ekranlara çykar.

Iň köp girdeji gazanan animasiýa franşizalarynyň sanawynda «Görnüksiz men» animasiýalaryndan soň 2-nji ýeri «Şrek» (Shrek), 3-nji orny «Oýnawaçlaryň hekaýasy» (Toy Story) animasiýalary eýeleýär. «Şrek» animasiýalar franşizasy «Şrek» hem-de «Ädikli pişik» multfilmlerini, jemi 6 sany ekran eserini özünde jemläp, 4 milliard dollardan gowrak girdeji gazandy. «Oýnawaçlaryň hekaýasy» bolsa 4 esasy bölüm hem-de spin-off multfilmi «Bazz Laýtýer» (Lightyear) bilen bilelikde 5 ekran eseri prokatlardan 3 milliard 270 million dollar girdeji toplady.

# Kino täzelikleri

### Muhammed Ali barada serial surata düşüriler

Dünýä belli rowaýaty boksçy, ähli döwürleriň ussady, merhum Muhammed Aliniň durmuşy, karýerasy barada serial surata düşüriler. Sport äleminiň ägirdi hasaplanýan boksçy baradaky serialyň ady «Ägirt» (The Greatest) diýlip atlandyrylýar. Serial «Amazon» studiýasynyň önümi bolup, onda baş keşbi, Aliniň keşbini Jalen Best janlandyrar. Ilkibaşda kiçi göwrümli serial göz öňünde tutulan taslama soňlugy bilen drama serialyna öwrüldi. Serialda 1942-nji ýylda dünýä inen türgeniň durmuşy, sportda gazanan üstünlikleri, jemgyýetde alyp baran işleri, jynsparazlyga garşy göreşi barada giňişleýin durlup geçiler. Muhammed Ali barada 2001-nji ýylda «Ali» atly film surata düşürilip, ekran eseri köpleriň söýgüsini gazanypdy. Parkinson keseli bilen uzak ýyllar göreşen Muhammed Ali 2016-njy ýylda aradan çykypdy.



### Emilia Klarkyň täze keşbi belli boldy

«Marvel»-iň kinematografik älemine goşulan «Tagt oýunlary» teleserialynyň ýyldyzy Emilia Klarkyň haýsy keşbi janlandyrjakdygy belli boldy. Ol «Criminal» atly serialda baş keşbi, Malloriniň keşbini ýerine ýetirer. «Amazon» studiýasynyň önümi boljak serialda Klarkdan başga-da Çarli Hannam, Riçard Jenkins, Jon Hawkes, Adria Arýona, Logan Browning, Kadim Hardison dagy dürli keşpleri janlandyrarlar. Klark soňky gezek «Marvel»-iň önümi bolan «Secret Invasion» serialynda surata düşüpdi.



### 3-nji möwsümiň önümçiligine başlandy

«Emmy» baýragyny gazanan meşhur «Euphoria» teleserialynyň 3-nji möwsüminiň önümçiligine başlanandygy resmi ýagdaýda mälim edildi. 3 ýyllyk arakesmeden soň ekranlara dolanýan serial ýene-de HBO-da görkeziler. Ilkinji 2 möwsümde esasy keşpleri ýerine ýetiren Zendeýa, Sidni Swini, Jeýkob Elordi, Hanter Şafer, Ştorm Reid, Aleksa Demi, Erik Deýn ýaly artistler täze möwsümde-de surata düşerler.






## 36-njy KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Magtymguly Pyragynyň bir goşgusy. **2.** Gyrtyçlar maşgalasyna degişli, şor meýdanda bitýän, ýere ýazylyp ösýän haşal ot. **4.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **5.** Şatlama sowuk, gurak aýaz. **6.** Burnuň aşagyndaky çukurjyk. **8.** Kartalar, her hili çyzgylar ýerleşdirilen albom ýa-da kitap şekilli ýygyndy. **9.** Künji soka salnyp, az-kem döwlenden soň böleklenen kak bilen bilelikde döwlüp ýasalan logala şekilli iýmit. **14.** Beýikli-pesli, tekiz bolmadyk ýol. **15.** Awstraliýada bir düzlük. **17.** Meşhur iňlis fizigi. **18.** Oňat, ýaman däl. **21.** Tarap, töwerek. **22.** Tiken, ýandak (köne söz). **25.** Şowhunly märekäni, saz-söhbeti halaýan. **26.** Suwuklygyň dykyzlygyny ölçeýän gural. **28.** Öz borjuňy berjaý etmek, ödemek. **31.** Afrikada paýtagt şäher. **32.** Çyn, ýalňyş däl. **33.** «Ençe mundan el üzüp, gider ... Diýara» (Mollanepes). **35.** «... ýetse nadana, özün urar her ýana» (nakyl).

**KESELIGINE:** **3.** «Bir tört atly geldi, bary sebzebaz, /Hasalary ýaşyl, aty ...» (Magtymguly Pyragy). **7.** ABŞ-da bir şäher. **10.** Deriniň, içmegiň ýylmanak ýüzi. **11.** Ol tarap, ol ýan. **12.** Adama, ele öwrenişmedik, tez. **13.** Süýtden gaýnadylyp taýýarlanýan süýji iýmit. **16.** Malyň garnynyň daşyndaky ýag. **19.** «Agaç ... bolsa, başy aşak» (nakyl). **20.** Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gara Seýitliýewiň doglan obasy. **23.** Zeliliniň goşgusy. **24.** Joşgun, uly höwes. **27.** Rehim, mähir. **29.** Ýaglyk, elýaglyk (köne söz). **30.** Ýeken ösümliginiň uzyn ýasy ýapragyndan örülýän düşek. **34.** Başyndan we soňundan okalyşy meňzeş bolan sözler, söz düzümleri. **36.** Hoşboý ysly, kyrkgünlüge meňzeş gawun. **37.** Gazagystanda bir derýa. **38.** Dagda deräniň gutaran ýerindäki uçut, kert ýer. **39.** Himiki element. **40.** Suw guşy.

**Dünýägözel GURGENOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Balkanabat bölüminiň mugallymy.*

**35-nji krosswordyň jogaby:**





## 37-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Günüň orta bolýan wagty. **2.** Söz, söhbet (köne söz). **3.** Russiýanyň Hazar deňziniň kenaryndaky bir subýekti. **4.** Keýigiň bir görnüşi . **5.** Gaýnadylan etden sowadylyp taýýarlanýan nahar. **6.** Mal-gara, guş gelmezlik üçin ekiniň içinde adama meňzedilip goýulýan şekil. **10.** Wirtual reňk giňişligi. **11.** Asma köprüleriň ýogyn ýüpi. **13.** Ýurdumyzda bir welaýat. **14.** Göwräniň ýzky tarapy. **18.** «Joker» amerikan kinosynyň baş gahrymany Artur .... **20.** Ýoly saklaýan atly nöker. **21.** Ýapragy çalymtyk reňkli, maýdaja tohumly haşal ot. **23.** Gazlar maşgalasyndan bolan uly aw guşy. **24.** Köp zolakly awtoulag ýoly. **26.** Bir zada bolan ynamly garaýyş. **28.** Karp balyklar maşgalasyndan bolan balyk. **30.** Totynyň bir görnüşi. **31.** «...— ekeniňki, ýap — çekeniňki» (nakyl). **35.** Binagärlik dizaýnynyň bir görnüşi. **37.** Günorta Afrikada bir çöl. **38.** Günorta Afrikada bir şäher. **39.** Ýylylyk mukdarynyň ölçeg birligi. **41.** Howadaky zatlaryň düşmegini haýallatmak üçin enjam. **43.** Palçykdan, demir oksidindan, gidratdan ybarat tebigy reňk. **44.** Welosipediň esasy bölegi. **46.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **47.** Köp kirişli, uly kädili, kiriş kakar bilen çalynýan saz guraly. **48.** Ýüpekden dokalan ýalpyldawuk mata. **50.** Ergin şekerden gaýnadylyp taýýarlanýan süýji.

**30-njy skanwordyň jogaby:**



**KESELIGINE:** **7.** Gyz ady. **8.** Rahat däl, ynjalyksyz. **9.** «Giç ýat-da, ir tur, ... pişegi artyk ur» (nakyl). **12.** «Kubat pederi Hysrowy gorkuzyp,/Olar diýgen bary din-... bolsam» (Magtymguly Pyragy). **15.** Gün ulgamynda ýedinji uly planeta. **16.** Daşary ýurt gyz ady. **17.** Uzyn gonçly ädik. **19.** Kölege. **22.** Aşak sallanyp, halka atyp duran. **23.** Patyşalaryň oturýan ýeri. **25.** «Galynça bir merdiň ... zürýady,/ Il içinde galsa ýegdir hup ady» (Aşyky). **27.** Gresiýanyň ...-Mudanýa balykçylyk porty. **28.** Nemes sazandasy Albert ... **29.** Beden. **31.** «Akposalak bäbegi gundamak, ele alyp bökdürmek — gör, nähili uly ...!» (B. Kerbabaýew). **32.** Demirgazyk Amerikada bir derýa. **33.** Aziýada gadymy suw saklanýan ýer. **34.** Koreý pul birligi. **36.** Berýoza maşgalasyndan bolan uly ýaprakly agaç. **37.** Hindistanda bir çöl. **38.** Yrada. **40.** Oglan ady. **42.** Deňeşdirmegi aňladýan sözsoňy kömekçi. **43.** Kino sungatynyň abraýly baýragy. **45.** Esas, ynanç. **46.** Sözlemdäki gymyldy-hereketiň wagtyny, ýerini, sebäbini görkezip gelýän aýyklaýjy agza. **48.** Gresiýanyň dynç alyş şäheri. **49.** Günbatar Aziýada bir döwlet. **51.** Gadymy grek şahyry ... iz Sol. **52.** Nepalda uly köl. **53.** Organiki birleşme görnüşindäki biohimiki element. **54.** Oglan ady.

# Ýewropada Ispaniýa, Günorta Amerikada Argentina çempion – ikisi-de rekord goýdy



**Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionaty Ispaniýanyň ýygyndysynyň çempionlygy bilen tamamlandy. Germaniýanyň paýtagty Berlindäki «Olympiastadion»-da oýnalan finalda Ispaniýanyň ýygyndysy bilen Angliýanyň ýygyndysy duşuşdy.** Çekeleşikli we dartgynly, gyzykly geçen oýnuň 1-nji ýarymynda bellärlikli howply pursat bolmady we golsuz tamamlandy. Ýöne 2-nji ýaryma ispanlar gol bilen başlady. 47-nji minutda Lamin Ýamalyň pasyndan soň owadan urgy bilen Niko Williams hasaby açdy. Iňlisler bu gola 73-nji minutda jogap berdi. Oýna soň giren Koul Palmer Jud Bellingamyň pasynda topy ýerden, takyk urgy bilen derwezä girizdi. Şondan soň Moratanyň ornuna Oýarzabaly oýna girizen De La Fuenta bu çalşygyň miwesini çempionlyk bilen aldy. Duşuşygyň 86-njy minutynda Kukurelýanyň beren pasynda topy derwezä girizen Oýarzabal ispanlara çempionlyk gazandyran oýunçy boldy. Duşuşygyň soňky minutlarynda ilki Unaý Simon, soňra topy derwezäniň çyzygynyň üstünde duran Dani Olmo ispanlary goldan halas etdi. Duşuşyk 2-1 hasabynda Ispaniýanyň ýygyndysynyň peýdasyna tamamlandy. Şunlukda, Ispaniýanyň ýygyndysy 4-nji gezek Ýewropanyň çempiony bolup (1964, 2008, 2012, 2024), yklymyň iň köp çempionlyk gazanan topary bolmagy başardy.







### Sanlar, statistikalar, hasabatlar

● Ispaniýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda 7 oýnuň ählisinde-de penalti urgularyna galmazdan, çempionlyk gazanan ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy. Mundan öň 1984-nji ýylda Fransiýanyň ýygyndysy 5 duşuşygyň ählisinde-de penaltisiz ýeňiş gazanypdy. Ispaniýadan öň uly ýaryşlarda Braziliýanyň ýygyndysy 2002-nji ýylda Dünýä Kubogynda 7 duşuşygyň ählisinde-de ýeňiş gazanyp (oýundan soň penalti urgularyna galmazdan) çempion bolupdy.

Angliýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda yzly-yzyna 2 finalda utulan ilkinji topar boldy. Başgaça aýdylanda, futbol ýene-de watanyna dolanmady. Toparyň tälimçisi Garet Sautgeýt germaniýaly Helmut Şön (1972, 1976) hem-de Berti Wogtsdan (1992, 1996) soň 2 gezek finala çykan 3-nji tälimçi boldy. Germaniýaly tälimçileriň ikisi şol 2 finalyň birinde ýeňiş gazanypdy. Angliýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda 45 duşuşyk geçiribem çempionlyk gazanyp bilmedik ýeke-täk ýygyndydyr.

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, çempion toparyň ýyldyzy, ýarymgoragçy Rodri saýlandy. Ol 2022/23 möwsüminde UEFA Çempionlar Ligasynda, 2023-nji ýylda FIFA Klublararasy Dünýä Kubogynda hem-de 2023-nji ýylda UEFA Milletler Ligasynyň final tapgyrynda iň ökde oýunçy saýlanypdy.

6 futbolçy – ispaniýaly Dani Olmo, angliýaly Harri Keýn, niderland Kodi Gakpo, gruziýaly Žorž Mikautadze, germaniýaly Jamal Musiala, slowakiýaly Iwan Şrans çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy. Ýewropa çempionatynda 2-nji gezek 6 futbolçy şeýle netije görkezdi. 2012-nji ýylda-da 6 futbolçy 3 gol bilen ýaryşyň iň netijeli futbolçylary bolupdy.

Ispaniýaly 38 ýaşyndaky Hesus Nawas Ýewropa çempionatynda 2012-nji ýyldan soň 2-nji gezek çempion boldy. Ol yklym ýaryşynda 2 gezek çempionlyk gazanan 14-nji futbolçy hökmünde bellige alyndy. 2 gezek çempionlyk gazanan 14 futbolçynyň 13-si ispaniýaly bolup, diňe germaniýaly Rainer Bonhof (1972, 1980) bu sanawa goşulan başga ýurtly futbolçy boldy.

Çempionatda 51 duşuşykda 117 gol geçirildi. Bu bolsa ortaça her duşuşyga 2,29 goldan düşýär diýmekdir. Çempionatda jemi 85 futbolçy tapawutlanyp (awtogollar hasaba alynmady), bu görkeziji Ýewropa çempionatlarynyň iň ýokary statistikasydyr. Jemi 10 awtogol hasaba alnyp, EURO 2020-den soň iň köp öz derwezesine gol geçirilen çempionat boldy.

Ispaniýaly Lamin Ýamalyň ýarym finalda Fransiýanyň derwezesinden geçiren goly çempionatyň iň owadan goly saýlandy. Angliýaly Jud Bellingamyň üstaşyr geçiren goly 2-nji, şweýsariýaly Herdan Şakiriniň goly-da iň owadan 3-nji gol diýlip yglan edildi.

UEFA-nyň tehniki gözegçileri çempionatyň simwolik ýygyndysyny düzdüler. Derwezeçi Maýk Menýan (Fransiýa), goragçylar Kaýl Wolker (Angliýa), William Saliba (Fransiýa), Manuel Akanži (Şweýsariýa), Mark Kukurelýa (Ispaniýa), ýarymgoragçylar Dani Olmo, Rodri, Fabian Ruiz (üçüsem Ispaniýa), hüjümçiler Lamin Ýamal bilen Niko Williams (ikisem Ispaniýa) hem-de Jamal Musiala (Germaniýa) dagy şol simwolik düzüme saýlandy.











| ISPANIÝA | 2–1 | ANGLIÝA |
|---|---|---|

**EURO 2024 – 14.07.2024 – FINAL**

**ISPANIÝA (4-2-3-1):** Unai Simon – Karwahal, Le Norman (Naço 83), Laport, Kukurelýa – Rodri (Zubimendi 46), Fabian Ruiz – Ýamal (Merino 89), Olmo, Niko Williams – Morata (k) (Oýarzabal 68); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente

**ANGLIÝA (4-2-3-1):** Pikford – Wolker, Stounz, Geýi, Şaw – Mainu (Palmer 70), Raýs – Saka, Foden (Touni 89), Bellingam – Keýn (k) (Watkins 61); ***Tälimçi:*** Garet Sautgeýt

**GOL:** Niko Williams 47, Oýarzabal 86 — Koul Palmer 73

**SARY KART:** Olmo — Stounz, Keýn, Watkins

**DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Niko Williams (Ispaniýa)

**EMIN:** Fransua Leteksie (Fransiýa)

**STADION:** «Olympiastadion», Berlin

**TOMAŞAÇY:** 65 600

**2–1**



### Ýamalyň rekordlary

● Finaldan 1 gün öň 17 ýaşyny dolduran Ýamal uly ýaryşlarda finalda oýnan iň ýaş futbolçy boldy. Şol bir wagtyň özünde Ýamal finalda asist eden iň ýaş futbolçy diýlip hasaba alyndy. Duşuşykdan soň Ýamala çempionatyň iň ökde ýaş futbolçysy baýragy gowşuryldy. Ýamal çempionatda 5 rekord goýdy. Ol iň ýaş futbolçy, iň ýaş gol geçiren, asist eden, ýarym finalda, finalda oýnan futbolçy rekordlaryny täzeledi.

### Iň köp duşuşykda ýeňiş we iň köp gol

● Ispaniýanyň ýygyndysy çempionatyň çäginde geçiren 7 duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. Matadorlar Ýewropa çempionatynda ähli duşuşygynda ýeňiş gazanyp çempion bolan ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de, Ispaniýanyň ýygyndysy şol 7 duşuşykda 15 gol geçirip, bu babatda çempionatyň rekordyny täzeledi. Ozalky rekord Fransiýanyň ýygyndysyna degişli bolup, fransuzlar 1984-nji ýylda ilkinji gezek çempion bolanda, 14 gol geçiripdi. Şol gollaryň 9-syny Mişel Platini öz adyna ýazdyrypdy.

### Ispaniýanyň gazanan pul baýragy

● Finalda Angliýany 2–1 hasabynda ýeňen Ispaniýanyň ýygyndysy çempionatdan mümkin bolan iň ýokary pul baýragyny 28,25 million ýewro gazandy. UEFA ýaryşa gatnaşan her topara 9,25 million ýewro berýär. Toparçadaky ähli duşuşygynda-da ýeňiş gazanan ispanlar her 3 utuk üçin 1 million ýewro, 1/8 finaldaky ýeňşe-de 1,5 million ýewro aldy. Çärýek finaldan 2,5 million ýewro alan ispanlar ýarym finala çykany üçin ýene-de 4 million ýewro pul baýragy bilen sylaglandy. Çempion hökmünde-de 8 million ýewro gazanan ispanlar çempionatdan mümkin bolan iň köp pul baýragyna mynasyp boldy.

Bassyr 2-nji gezek finala çykan Angliýa bolsa 24 million ýewro pul baýragy bilen sylaglandy.

### Karwahal, Naço hem-de Hoselu

● Ispaniýanyň çempion bolmagy bilen Dani Karwahal, Naço Fernandes hem-de Hoselu üçüsi atlaryny meşhur sanawa ýazdyrdylar. Ýagny bu 3 oýunçy bir möwsümde UEFA Çempionlar Ligasy bilen bir hatarda, Ýewropanyň hem çempiony bolmagy başardy. Olar bu sanawa goşulan 12–13–14-nji futbolçylar boldy. Mälim bolşy ýaly, «Real Madrid» topary tamamlanan möwsümde UEFA Çempionlar Ligasynyň kubogyny 15-nji gezek gazanypdy.

Karwahal, Naço hem-de Hoseludan ozal, 2021-nji ýylda Žoržinio bilen Emerson Palmieri Italiýanyň yklym çempionlygyndan öň «Çelsi» bilen Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazanypdy. 2016-njy ýylda portugaliýaly Kristiano Ronaldo bilen Pepe («Real Madrid»), 2012-nji ýylda ispaniýaly Fernando Torres bilen Huan Mata («Çelsi»), 1988-nji ýylda niderland Hans wan Breukelen, Ronald Kuman, Berri wan Aerle, Gerald Wanenburg (PSW) hem-de 1964-nji ýylda ispaniýaly Luis Suares («Inter») bir möwsümde UEFA Çempionlar Ligasynyň çempionlygyna Ýewropa çempionlygyny hem goşupdy.




**Günorta Amerikanyň çempionaty bolan 48-nji Kopa Amerika ýaryşy Argentinanyň çempionlygy bilen tamamlandy. ABŞ-da geçirilen çempionatyň finalynda Argentinanyň ýygyndysy Kolumbiýanyň ýygyndysyny 1–0 hasabynda ýeňdi.**

ABŞ-nyň Florida ştatynyň Maýami Gardens şäherindäki «Hard Rock» stadionynda oýnalan final peteksiz janköýerleriň döreden başagaýlygy sebäpli 1,5 sagada golaý giç başlady. Peteksiz janköýerleriň stadiona girmäge synanyşmagy petekli janköýerler üçin kynçylyk döretdi. Şol sebäpli-de duşuşygyň başlanýan wagty 2 gezek soňa süýşürildi. Ähli mesleler çözüleninden soň braziliýaly emin Rafael Klausyň jürlewügi bilen başlanan duşuşyk çekeleşikli, şol bir wagtyň özünde-de dartgynly geçdi. Oýnuň esasy wagtynda hasap açylmady. Iki toparyň hem eden hüjümleri netije bermedi. 66-njy minutda aýagyna şikes ýeten Lionel Messi meýdançany gözýaşlary bilen terk etdi. Goşmaça berlen 30 minutyň 15 minutynda-da hasap üýtgemedi. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda meýdança giren Lautara Martines oýnuň 112-nji minutynda tapawutlanyp, argentinleri öňe saýlady. Bu duşuşykdaky ýeke-täk gol boldy. Netijede, 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan Argentinanyň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek, umumylykda-da 30-njy finalynda 16-njy sapar Kopa Amerikanyň çempiony bolmagy başardy (1921, 1925, 1927, 1929, 1937, 1941, 1945, 1946, 1947, 1955, 1957, 1959, 1991, 1993, 2021, 2024). Şeýlelikde, iki görkezijisi hem rekorda deň bolan Argentinanyň ýygyndysy Urugwaýyň ýygyndysyndan öňe saýlanyp, Kopa Amerikanyň çempionlygyny iň köp eýelän topar adyny eýeledi. Argentinanyň ýygyndysy soňky 4 ýylda 4-nji uly kubogyny gazandy.



Kolumbiýanyň ýygyndysy bolsa 3-nji gezekki finalynda 1975-nji ýyldan soň 2-nji sapar ýeňildi. Kolumbiýa 2001-nji ýylda çempion bolupdy, ýöne olara şowly çykyş eden bu çempionatynda golaý gelen 2-nji çempionlygyny gazanmak başartmady.

Kolumbiýanyň ýygyndysy 28 oýundan soň ilkinji gezek ýeňildi. Olary soňky gezek ýeňen hem Argentina toparydy (2022-nji ýylyň fewralynda).

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, kolumbiýaly Hames Rodriges saýlandy. Rodriges 6 oýunda 1 gol geçirip, 6 goluň pasyny berdi hem-de 4 duşuşygyň ýyldyzy diýlip yglan edildi.

5 gol geçiren Lautara Martines bolsa çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy.

### 10-njy gezek bürünç medaly eýeledi

● 3-nji ýer üçin Urugwaýyň ýygyndysy bilen Kanadanyň ýygyndysy duşuşdy. Duşuşygyň esasy wagty 2-2 hasabynda deňlikde tamamlanyp (Bentankur 8, Luis Suares 90+2 — Kone 22, Dewid 80), penaltileriň netijesinde Günorta amerikalylar ýeňiş gazandy (4-3). Bu Urugwaýyň soňky 13 ýylda gazanan ilkinji medaly bolup, olar 10-njy gezek bürünç medala mynasyp boldular.

### Messiniň 45-nji kubogy

● Yzly-yzyna 2-nji gezek Kopa Amerikany gazanan Argentinanyň ýygyndysynyň kapitany, super ýyldyz Lionel Messiniň kuboklarynyň sany 45-e ýetdi. Mälim bolşy ýaly, Messi bu ugurda rekordy «Inter Maýami» toparynda gazanan kubogy bilen ozal täzeläpdi. Häzirki wagtda Messi futbolyň taryhynda iň köp kubok gazanan futbolçy bolup, ozalky rekord 43 kubok bilen braziliýaly Dani Alwese degişlidi. Lionel Messi milli ýygyndy bilen



Dünýä Kubogyny, 2 gezek Kopa Amerikany, şol sanda «Finalissimony» gazandy. 2005-nji ýylda Argentinanyň U20 topary bilenem Dünýäniň çempiony bolan Messide Pekin 2008 tomusky Olimpiýa oýunlarynda gazanylan altyn medal hem bar. Messi klublarda – «Barselonada» 35, PSŽ-de 3, «Inter Maýamide» bolsa 1 kubok gazanmagy başardy. Lionel Messi şol bir wagtyň özünde Kopa Amerikada 25 duşuşykda ýeňiş gazanyp, bu iň ýokary görkezijidir. Messi bu görkezijä 39 oýunda ýetmegi başardy. Lionel Messiden öň braziliýaly Zizinio 23 oýunda ýeňiş gazanypdy.

### Ispaniýanyň taryhy üstünligini gaýtalady

● 30 ýyla golaý döwri kuboksyz geçiren Argentinanyň ýygyndysy soňky 4 ýylda mümkin bolan ähli kubogy gazandy. 2021-nji ýylda başlanan bu şowly ýörişde ilki 29 ýyldan soň Kopa Amerika kubogy gazanyldy. Argentina 2022-nji ýylyň tomsunyň ilkinji gününde Italiýany ýeňip, yklymlararasy kubogyny («Finalissimo») gazanan bolsa dekabr aýynda-da iň uly kubok, Dünýä Kubogy Lionel Messiniň elinde asmana göterildi. Şu ýyl bolsa 16-njy gezek Kopa Amerikanyň çempiony bolan Argentina bu ugurda yklymyň rekordyny täzeledi. Argentinanyň gazanan 3 uly kubogyny yzly-yzyna diňe Ispaniýa gazanypdy. 2008-nji we 2012-nji ýyllarda Ýewropanyň çempiony bolan Ispaniýa yklym ýaryşynyň birinjilikleriniň arasyna 2010-njy ýyldaky Dünýä Kubogyny hem goşupdy.

| ARGENTINA | 1–0 | KOLUMBIÝA |
|---|---|---|

**Kopa Amerika 2024 – 15.07.2024 – FINAL**

**ARGENTINA (4-4-2):** E. Martines – Montiel (Molina 72), Romero, Lis. Martines, Taliafiko – Di Mariýa (Otamendi 117), De Paul, Fernandes (Parades 97), Mak Allister (Lo Çelso 97) – Messi (k) (Gonzales 66), Alwares (Lau. Martines 97); ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**KOLUMBIÝA (4-3-3):** Wargas – S. Arias, Sançes, Kuesta, Moýika – Rios (Kastaňýo 89), Lerma (Borha 106), J. Arias (Uribe 106) – Hames Rodriges (k) (Kuintero 91), Kordoba (Borre 89), Luis Diaz (Karraskal 106); ***Tälimçi:*** Nestor Lorenzo

**GOL:** Lautara Martines 112

**SARY KART:** Mak Allister, Lo Çelso – Kordoba, Borha

**DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Anhel Di Mariýa (Argentina)

**EMIN:** Rafael Klaus (Braziliýa)

**STADION:** «Hard Rock Stadium», Maýami Gardens – Florida

**TOMAŞAÇY:** 65 300

## 137-NJI «WIMBLEDON»

### ALKARAS ÝENE-DE JOKOWIÇI ÝEŇLIŞE SEZEWAR ETDI

● Tennis boýunça möwsümiň 3-nji «Uly tuwalga» ýaryşy tamamlanyp, erkekleriň arasynda çempion üýtgemedi. Zenanlarda-da çempionyň ady üýtgese-de, ýurdy üýtgemedi. 137-nji gezek (zenanlaryň arasynda 130-njy) geçirilen dünýäniň iň gadymy tennis ýaryşynda baýrak gaznasy bu ýyl üçin 50 million funt sterling diýlip kesgitlenipdi. Ýeňijileriň hersine aýratynlykda 2,7 million funt sterling pul baýragy berildi. Finalçylara 1,4 million funt sterling gowşuryldy.



Londondaky merkezi kortda geçirilen finalda ispaniýaly Karlos Alkaras çempionlygyny goramagy başardy. Ol geçen ýylyň gaýtalanan finalynda ýene-de serbiýaly Nowak Jokowiçi ýeňlişe sezewar etdi. Bu gezek 3 setde güýçli garşydaşyny ýeňen Alkarasa 1-nji we 2-nji setlerde ýeňiş gazanmak kyn düşmedi. 6:2 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Alkarasa 3-nji setde üstün çykmak ýeňil düşmedi. Ol 10-njy oýunda iň soňky utugy ençeme synanyşykda alyp bilmän, netijede set 6:6 boldy we taý-brekde 7:4 üstün çykyp, seti 7:6 öňde tamamlady. Şeýlelikde, 3:0 hasabynda ýeňiş gazanan Alkaras bassyr 2-nji gezek «Wimbledon»-da ýeňiji boldy. Ol geçen ýyl hem Jokowiçi 5 setde 3:2 hasabynda utupdy. Bu çempionlyk Alkarasyň «Uly tuwalgalardaky» 4-nji çempionlygydyr. Ol 35 gün öň «Fransiýa Açykda», 2022-nji ýylda-da «Amerika Açykda» çempionlyk gazanypdy.

21 ýaşyndaky Alkaras «Fransiýa Açykdan» soň «Wimbledony» gazanan iň ýaş tennisçi, umumylykda-da 6-njy tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Bu onuň karýerasyndaky 15-nji ATP çempionlygydyr.

### 25-nji «ULY TUWALGA» 2-nji GEZEK NESIP ETMEDI

● «Wimbledon»-da Jokowiçe 25-nji «Uly tuwalga» kubogyny gazanmak miýesser etmedi. Serbiýaly tennisçi «Uly tuwalgalardaky» 37-nji finalynda 13-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Şeýle-de, ol «Wimbledonda»-da 10-njy gezek finalda oýnap, 3-nji sapar utuldy. Bu ýaryşda 7 çempionlygy bolan Nowak Jokowiç rekordy Rojer Federer bilen paýlaşyp, ol bu derejäni öz adyna geçirmek mümkinçiliginden bassyr 2-nji gezek peýdalanyp bilmedi.

### ÇEMPION ÜÝTGESE-DE, ÝURDY ÜÝTGEMEDI

● Zenanlaryň arasynda bolsa çehiýaly Barbora Kreýçikowa ýeňiji boldy. Ol 1 sagat 56 minutlap dowam eden finalda italiýaly Jasmin Paolinini 3 setde ýeňmegi başardy. 1-nji setde 28 ýaşyndaky Kreýçikowa 6:2 hasabynda ýeňiş gazandy. 2-nji set hem şol hasap bilen, ýöne Jasmin Paolininiň peýdasyna tamamlandy we hasap deňlendi. Çekeleşikli geçen 3-nji setde Kreýçikowa 6:4 hasabynda ýeňiş gazanyp, çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň «Uly tuwalgalardaky» 2-nji çempionlygy bolup, ol 2021-nji ýylda «Fransiýa Açykda» çempionlyk gazanypdy. Umumylykda bu onuň karýerasyndaky 8-nji WTA çempionlygydyr. «Wimbledon»-da zenanlaryň arasynda çempionyň ady üýtgese-de, ýurdy üýtgemedi. Geçen ýyl başga bir çehiýaly tennisçi – Marketa Wondrouşowa çempion bolupdy.



«Wimbledon»-da zenanlaryň arasynda finala çykan ilkinji italiýaly tennisçi Paolini 35 günde tamamlanan «Fransiýa Açykda»-da 2-nji ýeri eýeläpdi. 28 ýaşyndaky tennisçiniň 2 WTA çempionlygy bar. Ol bu ýaryşdan soň 7-nji orundan 5-nji ýere beýgeldi.

# Mbappe üçin 80 müň janköýer ýygnandy

Ençeme ýyldan bäri Kilian Mbappeniň «Real Madride» transfer boljakdygy barada habarlaryň şaýady bolan janköýerler ýaz aýlarynda fransiýaly oýunçynyň ispan toparyna geçýändigini resmi ýagdaýda öwrenipdiler. Ine, bu günki gün bolsa, şol habar ahyry hakykat ýüzünde öz beýanyny tapdy. Kilian Mbappeniň 16-njy iýulda geçirilen tanyşdyrylyş dabarasy uly şowhuna beslendi. Fransiýaly futbolçy özüni 5 ýyllap «Real Madridiň» oýunçysy bolmaga ygtyýar berýän şertnama gol çekdi. Onuň näçe hak aljakdygy häzirlikçe resmi taýdan mälim edilmedi. Ýöne ispanlaryň «Marca» gazetinde çykan habarlara görä, Kilian Mbappe «Real Madrid» bilen şertnama baglaşany üçin 100–115 million ýewro alar (5 ýylyň dowamynda). Oýunçynyň ýyllyk gazanjy salgytlardan saplanan görnüşde azyndan 15 million ýewro bolar. Şeýle-de, imijlerden geljek gazanjyň 60–80 göterimi-de futbolçynyň özüne galar. «Altyn top», şol sanda gazanyljak her kubok üçin hem goşmaça tölegler ediler.



80 müň futbol janköýeriniň gatnaşan dabarasynda klubuň prezidenti Florentino Perez fransiýaly oýunça ýüzlenip: — Öz öýüňe hoş geldiň! Bu kluba geleniň üçin köp sag bol!. 18 ýaşyňda Dünýä Kubogyny gazandyň. Bu klub global klub. Bu stadionda bilelikde taryhy ýeňişlere şaýat bolduk. Bu stadion dünýäniň iň ökde futbolçylarynyň mekanyna öwrülmegini dowam eder — diýdi.

Mbappe bolsa özüniň çagalyk arzuwyna ýetendigini aýdyp: — Arzuwym «Real Madridiň» düzümine goşulmakdy. Ýene bir arzuwym dünýäniň iň uly klubuna laýyk futbolçy bolmak. Munuň üçinem elimden geleni gaýgyrmaryn — diýdi.

Toparyň ozalky futbolçysy hem-de tälimçisi Zinedin Zidan hem dabara gatnaşdy.

Mbappeniň resmi ýagdaýda «Real Madridiň» oýunçysy bolan ilkinji gününde ýyldyz oýunçynyň 7 müň köýnekçesiniň janköýerler tarapyndan satyn alnandygy habar berildi. 100–195 ýewro aralygyndaky bahalardan satyn alnan köýnekçeleriň satuwyndan ilkinji günde klub azyndan 800 müň ýewro girdeji gazandy.

# «Napoli» 3 goragçyny düzümine goşdy

Italiýanyň «Napoli» topary Alessandro Buonjornony, Leonardo Spinazzolany hem-de Rafa Marini transfer etdi. Ýurduň başga bir kluby «Torinodan» transfer edilen merkezi goragçysy Alessandro Buonjorno üçin neapollylaryň kassasyndan 35+5 million ýewro çykar. «Napoli» topary 25 ýaşyndaky italýan goragçysy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Torinoda» 109 oýun geçiren Buonjorno «Karpi» hem-de «Trapani» klublarynda-da kärendesine çykyş etdi.



Buonjornony transfer etmek isleýän klub 70 million ýewro tölemeli bolar.

«Napoli» topary «Roma» bilen şertnamasy tamamlanan çep gyraky goragçy Leonardo Spinazzolany tölegsiz transfer etdi. «Napoli» topary 31 ýaşyndaky italýan oýunçy bilen 2 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Spinazzola karýerasyna «Ýuwentusda» başlap, «Empoli», «Siena», «Atalanta», «Wiçenza», «Peruja» ýaly klublarda-da oýnady.

Tomsuň başynda Antonio Konteni tälimçilige bellän «Napoli» topary «Real Madridiň» merkezi goragçysy Rafa Marini hem 12 million ýewro transfer etdi. Geçen möwsümi «Alawesde» kärendesine geçiren 22 ýaşyndaky Marin italýan topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

# «Inter» 2 ýyldyz oýunçyny tölegsiz aldy

Italiýanyň çempiony «Inter» topary düzümine 2 sany ýyldyz oýunçyny tölegsiz goşdy. Milan şäheriniň wekili ilki «Napoli» bilen şertnamasy tamamlanan polşaly Piotr Zielinskini transfer etdi. 30 ýaşyndaky futbolçy öňümizdäki 4 ýylyny «Inter» toparynda geçirer. Ol «Interiň» taryhyndaky ilkinji polýak futbolçydyr. 2012-nji ýylda «Udinezede» futbola başlan Zielinski 2 möwsüm «Empolide» oýnady. 2016-njy ýyldan bäri «Napolide» çykyş edip gelýän Zielinski neapollylaryň düzüminde 8 möwsümde 364 oýunda 51 gol geçirdi.



Şeýle-de, «Inter» topary eýranly hüjümçi Mehdi Taremini hem tölegsiz transfer etdi. «Porto» topary bilen şertnamasy tamamlanan 31 ýaşyndaky Taremi öňümizdäki 4 ýyl «Interde» oýnar. Taremi «Porto» klubunda 4 möwsümde 182 oýunda 91 gol geçirdi. Taremi ýurdunyň «Şahin», «Iranjawan», «Persopolis», Kataryň «Al-Garafa» hem-de Portugaliýanyň «Rio Awe» klublarynyň köýnekçesini geýdi. Ol Eýranyň ýygyndysynda 85 duşuşykda 50 goly derweze girizdi.

## Loran Blan arap klubuna tälim berer

● Fransiýaly belli tälimçi Loran Blan Saud Arabystanynyň «Al Ittihad» toparyny türgenleşdirer. Jidda şäheriniň wekili 58 ýaşyndaky tälimçi bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Soňky gezek «Lion» toparyna tälim beren Blan ýurdunda «Bordo», PSŽ hem-de Kataryň «Al Raýýan» klublarynyň şol sanda Fransiýanyň ýygyndysynyň tälimçisi bolupdy. Benzema, Kante, Fabinio ýaly oýunçylaryň çykyş edýän «Al Ittihad» toparyny geçen möwsüm argentinaly Marselo Galýardo türgenleşdiripdi. Metbugatda «Al Ittihad» toparyna «Milan» bilen şertnamasy tamamlanan Stefano Pioliniň hem tälimçi boljakdygy barada habarlar çykypdy.



## «M. Ýunaýted» ýaş hüjümçini transfer etdi

● Angliýanyň «Mançester Ýunaýted» topary geçen möwsümde «Serie A»-ny 5-nji orunda tamamlan «Bolonýanyň» ýaş hüjümçisi Joşua Zirkzeni transfer etdi. Iňlis kluby niderland oýunçynyň transfer tölegi hökmünde italýan klubuna 42,5 million ýewro berer. Mankunianlar 21 ýaşyndaky hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Bolonýa» topary professional karýerasyna «Bawariýada» başlan Zirkzeniň transferinden gazanylan puluň 50 göterimini münhenlilere berer. Zirkze «Bolonýanyň» düzüminde «Serie A»-da 53 oýunda 13 gol geçirdi.




◆ Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da 21 ýyldan soň çykyş etjek «Komo» topary ispaniýaly meşhur derwezeçi Hoze Pepe Reinany transfer etdi. Geçen möwsümi «Wilýarrealda» geçiren 41 ýaşyndaky Reina italýan kluby bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Reina mundan öň «Serie A»-da «Napoli», «Milan» hem-de «Lasio» klublarynyň hem köýnekçesini geýipdi. «Komo» topary Reinadan ozal, «Romadan» Andrea Bellottini hem transfer edipdi.

◆ Portugaliýanyň «Benfika» topary Niderlandlaryň «AZ Alkmaar» toparynyň gresiýaly hüjümçisi Wangelis Pawlidisi düzümine goşdy. Portugal kluby 25 ýaşyndaky hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Pawlidisiň transferi üçin lissabonlylar AZ toparyna 18+2 million ýewro töler. Pawlidis geçen möwsümde 46 oýunda 33 gol geçirdi.

◆ Londonyň «West Ham» topary ýurduň başga bir topary «Wulwerhemptondan» Maks Kilmeni 40 million funt sterlinge transfer etdi. «West Ham» topary 27 ýaşyndaky goragçy bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy. Kilmen «Wulwerhemptonda» 5 möwsüm çykyş etdi.

# Çempionlar Ligasynda 2-nji saýlama tapgyra çykan toparlar belli boldy

**UEFA Çempionlar Ligasynda 1-nji saýlama tapgyryň duşuşyklary tamamlandy. Rumyniýanyň FKSB (ozalky «Stýaua») topary San Marinonyň «Wirtus» toparyny öz meýdançasynda uly hasap bilen ýeňdi. Buharestde garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizen rumynlar 1-nji oýunda 7–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Bolgariýanyň çempiony «Ludogores Razgrad» topary gruzinleriň «Dinamo Batumi» toparyny ýaryşdan çykardy. Öz meýdançasynda 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan razgradlylar myhmançylykda 1–0 hasabynda asgyn gelse-de, ýaryşy dowam etdirerler. Taryhlarynda ilkinji gezek milli çempionatyň çempionlygyny gazanan 2 toparyň duşuşygynda Moldowanyň «Petrokub Hynçeşti» topary Gazagystanyň «Ordabasy» toparyndan 2 oýnuň netijesi boýunça artykmaçlyk gazandy. Myhmançylykda golsuz deňme-deň oýnan moldowanlar Kişinewde Lungunyň ýeke-täk goly esasynda ýeňşini baýram etdi.**



**2-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary 23–24-nji iýulda, jogap oýunlary-da 30–31-nji iýulda oýnalar.**

**1-nji saýlama tapgyryň netijeleri:**

«Struga» (D. Makedoniýa) — **«Slowan Bratislawa» (Slowakiýa)**: 1–2, 2–4; «Deçiç» (Garadag) — **«Nýu Seýnts» (Uels)**: 1–1, 0–3; «Egnatiýa» (Albaniýa) — **«Boras Banýa Luka» (Bosniýa)**: 2–1 (g.w.) 1–4 p, 0–1; **«Linkoln Red Imps» (Gibraltar)** — «Hamran Spartans» (Malta): 0–1 (g.w.) 5–4, 0–1; «Ballkani» (Kosowo) — **«UE Santa Koloma» (Andorra):** 1–2 (g.w.) 5–6, 2–1; **«Sele» (Sloweniýa)** — «Flora» (Estoniýa): 2–1, 5–0; «Differdanž 03» (Lýuksemburg) — **«Kl Klakswik» (Farer adalary):** 0–0, 0–2; HJK (Finlýandiýa) — **«Panewežys» (Litwa)**: 1–1, 0–3; «Larn» (D. Irlandiýa) – **RFS (Latwiýa)**: 0–4, 0–3; **«Şamrok Rowers» (Irlandiýa)** — «Wikingur Reýkýawik» (Islandiýa): 2–1, 0–0; **FKSB (Rumyniýa)** — «Wirtus» (San Marino): 4–0, 7–1; «Dinamo Batumi» (Gruziýa) — **«Ludogores Razgrad» (Bolgariýa)**: 1–0, 1–3; **«Petrokub Hynçeşti» (Moldowa)** — «Ordabasy» (Gazagystan): 1–0, 0–0; «Pýunik» (Ermenistan) — **«Dinamo Minsk» (Belarus)**: 0–1, 0–0.

**2-nji saýlama tapgyryň duşuşyklary:**

*Çempion toparlar:* «Ludogores Razgrad» (Bolgariýa) — «Dinamo Minsk» (Belarus), APOEL (Kipr) — «Petrokun Hynçeşti» (Moldowa), «Ferenswaroş» (Wengriýa) — «Nýu Seýnts» (Uels), PAOK (Gresiýa) — «Boras Banýa Luka» (Bosniýa), «Bude-Glimt» (Norwegiýa) — RFS (Latwiýa), «Malmö» (Şwesiýa) — «Kl Klakswik» (Farer adalary), «Şamrok Rowers» (Irlandiýa) — «Sparta Praga» (Çehiýa), «UE Santa Koloma» (Andorra) — «Midtýullan» (Daniýa), «Sele (Sloweniýa) — «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa), «Panewežys» (Litwa) — «Ýagelloniýa Belostok» (Polşa), «Linkoln Red Imps» (Gibraltar) — «Garabag» (Azerbaýjan), FKSB (Rumyniýa) — «Makkabi Tel Awiw» (Ysraýyl);

*Çempion däl toparlar:* «Lugano» (Şweýsariýa) — «Fenerbahçe» (Türkiýe), «Dinamo Kiýew» (Ukraina) — «Partizan» (Serbiýa).

# Angliýada Sautgeýtiň döwri tamamlandy

**Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionatynyň finalynda Ispaniýadan utulan Angliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Garet Sautgeýt wezipesini taşlady. Ol 8 ýyldan bäri topara tälim berip gelýärdi. Angliýanyň ýygyndysy onuň ýolbaşçylygynda Ýewropa çempionatynda 2 gezek finala çykdy. Ýöne 2-sinde hem ýeňlişe sezewar boldy. EURO 2020-de Londonda penaltileriň netijesinde Italiýadan asgyn gelen iňlisler EURO 2024-iň finalynda Berlinde Ispaniýadan 2–1 hasabynda ýeňildi. Angliýanyň ýygyndysy Sautgeýtiň tälimçiliginde Dünýä Kubogynda – 2018-nji ýylda ýarym finala, 2022-nji ýylda çärýek finala çykdy. Sautgeýt Angliýanyň ýygyndysyna 102 duşuşykda tälimçilik edip, ol 64 oýunda ýeňiş gazandy. 18 oýunda-da utulyp, 20 duşuşykda deňme-deň netije görkezdi. Ol Angliýanyň ýygyndysynda 100-den gowrak oýunda tälimçi bolan 3-nji şahsyýetdir.**

**Garet Sautgeýtiň ornuna Anž Postekoglu, Grem Potter, Mauriso Poçettino, Eddi How, Tomas Tuhel, hatda Ýurgen Klopp ýaly belli tälimçileriň atlary agzalýar.**




Магазин запчастей для бытовой техники

РЕАЛИЗУЕМ:

.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.



Тел.: 96 07 67
865 09 57 67
863 30 81 01

